2. Seň ejeň doglan güni haçan?

   _____

3. Seň jigiň doglan güni haçan?

_____

4. Seň dostuň/joraň doglan güni haçan?

_____

5. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramy haçan bellenýä?

_____

6. Amerikanyň Garaşsyzlyk güni haçan bellenýä?

_____

Vocabulary (Täze sözler)

Işlikler	Verbs
başlamak	to start
bellenmek	to celebrate
bolmak	to be
gar ýagmak	to snow
gaýtmak	to return (home)
geýinmek	to get dressed
gijä galmak	to be late
gök gürlemek	to thunder (literally, the blue speaks)
gutarmak	to finish
ýagyş ýagmak	to rain
aýdym aýtmak	to sing
garaşmak	to wait
pikir etmek	to think
süpürmek	to sweep
surat çekmek	to draw
tans etmek	to dance
üşemek	to be cold
ütüklemek	to iron
yssylamak	to be hot

Sypatlar	Adjectives
gysga	short
uzyn	long

Atlar	Nouns
baýram / baýramçylyk	holiday
doglan gün	birthday
eşik	clothing
goňşy	neighbor
gül	flower
iş güni	workday
konsert	concert
rugsat / kanikul	vacation
tebigat	nature
toý	party / wedding
ýygnak	meeting

Wagt birlikleri	Units of time
aý	month
gün	day
hepde	week
minut	minute
pasyl	season
sagat	hour / clock / watch

sekunt	second
ýyl	year
asyr	century

Gün bölekleri	**Times of the day**
agşam	evening
daňdan	late night
gije	night
gün ýaşanda	at sunset
gündiz	day
günortan	noon
ir bilen	at dawn
irden	morning
öýlän	afternoon

Wagt	**Time**
birigün	the day after tomorrow
düýn	yesterday
entek	still / yet
ertir	tomorrow
eýýäm	already
geçen / öten	previous
geljek / indiki	next
günaşa	every other day
günde	every day
häzir	now / soon
hemişe / hemme wagt	always
hiçwagt	never
ilkinji	first
käwagt	sometimes
köplenç	usually
öňňin	the day before yesterday
sene	date
seýrek	rarely
soňky	last / final
şu wagt	right now
ýene / ýene-de	again

Hepdäniň Günleri	**Days of the week**
birinji gün	Monday
ikinji gün	Tuesday
üçünji gün	Wednesday
dördünji gün	Thursday
bäşinji gün	Friday
altynjy gün	Saturday
bazar gün	Sunday

Aýlar	**Months**
Ýanwar	January
Fewral	February
Mart	March
Aprel	April
Maý	May
Iýun	June
Iýul	July
Awgust	August
Sentýabr	September
Oktýabr	October
Noýabr	November
Dekabr	December

Pasyllar	**Seasons**
gyş	winter
ýaz / bahar	spring
tomus	summer
güýz	autumn

Howa	**Weather**
howa maglumaty	weather forecast
älemgoşar	rainbow
bulutly	cloudy
çygly	humid
dymyk	stuffy
gradus	degrees
güneşli	sunny
maýyl	warm
salkyn	cool
şemally / ýelli	windy
sowuk	cold
ümürli	foggy
yssy	hot

Umumy	**Miscellaneous**
haçan	when
haýsy	which
çenli	until

Frazalar	**Phrases**
Sagat näçe?	What time is it?
Sagat näçede? / Näçede?	At what time?
Şu gün haýsy gün? / Şu gün näçinji gün?	What day is it?
Şu gün aýyň näçesi?	What is today's date?
Şu gün Fewral aýynyň ikisi.	It's the second of February.
Şu gün aýyň ikisi.	It's the second of the month.

Şu wagt haýsy aý?	What month is it?
Meň wagtym ýok.	I don't have time.
Seň doglan günüň haçan?	When is your birthday?
Siz naçenji ýyl?	What year were you born in?
Ýetmiş sekizinji ýyl.	'78.
Siz haçan doguldyňyz?	When were you born?
Iki müň bäşinji ýylyň Fewral aýynyň 2-sine	On the second of February, 2005
Howa nähili?	How's the weather?
Düýn howa nähili boldy?	How was the weather yesterday?
Ertir howa nähili bolar?	How will the weather be tomorrow?
Ýagyş ýagýa.	It's raining.
Gar ýagýa.	It's snowing.
Sag-aman ýatyp-turuň.	Good night! (literally, sleep and get up safely.)
Turduňyzmy? → Turdum.	Good morning! (literally, did you get up?)

Unit 5:
Phone Station *(Telegraf)*
Post Office *(Poçta)*
Bank *(Bank)*

Competencies:

- Making phone calls at a telegraph
- Responding to a wrong number
- Buying items at the post office
- Sending and receiving mail
- Exchanging money and ask for the exchange rate
- Saying that you think something is true

Grammar:

- Case review
- Sentence order
- Question words
- Absolute words

Dialogue 1: At the phone station

Jon:	Salam, men Mara jaň etmeli.	*Hi, I am supposed to call Mary.*
Operator:	Haýsy nomer?	*What (which) is the number?*
Jon:	Üç, elli dört, ýetmiş dört.	*3-54-74.*
Operator:	Näçe minut?	*How many minutes?*
Jon:	Bäş minut. Näçe tölemeli?	*5 minutes. How much should I pay?*
Operator:	Dört müň manat.	*4.000 manats.*
Jon:	Ine.	*Here you are.*
Operator:	Garaşyň.	*Wait, please.*
Jon:	Bolýa.	*Okay.*
Operator:	Mary, ikinji gepleşik otagçasyna giriň! Gepleşiň!	*Mary, enter the second phone booth. Please talk.*
	Otagçada…	***In the phone booth…***
Jon:	Allo, salam.*	*Allo, hello.*
Myradyň ejesi:	Salam.	*Hello.*
Jon:	Bagyşlaň, Myrat barmyka?	*Excuse me, can you tell me if Myrat is there?*
Myradyň ejesi:	Myrat işde, kim soraýaka?	*Myrat is at work. Could you tell me who is asking?*
Jon:	Men Jon, oň dosty. Ol haçan gelmeli?	*I'm Jon, his friend. When is he supposed to come (home)?*
Myradyň ejesi:	Ol sagat bäşde gelmeli öýdýän. Bir zat aýtmalymy?	*I think he should come home at 5 o'clock. Should I tell (him) something?*
Jon:	Hawa, men Dynç güni Mara barjak. Myrat öýde bolýamyka?	*Yes, I'll come to Mary on Sunday. Could you tell me if Myrat will be at home?*
Maýaň ejesi:	Bolýa öýdýän.	*I think he will.*
Jon:	Bolýa, görüşýänçäk! Sag boluň.	*Okay, see you then! Goodbye.*
Maýaň ejesi:	Sag bol.	*Bye.*

* Turkmens usually first greet each other on the phone by saying "**allo**."

Dialogue 2: Wrong number

Jon:	Allo, salam!	*Hi!*
Gyz:	Salam!	*Hi!*
Jon:	Şu Parahatçylyk Korpusymyka?	*Is this Peace Corps?*
Gyz:	Ýok, siz ýalňyşdyňyz, bu ýeri Parahatçylyk Korpusy däl.	*No, you are mistaken, this place is not Peace Corps.*
Jon:	Bagyşlaň.	*Excuse me.*

Requesting information

The suffix "**-ka?/-kä?**" is added to the final word of a question sentence to soften a request for information. It can be approximated to English use of "Can you tell me if…" or "Do you know if…" Note that the question suffix "**-my/-mi**" is omitted when a question word is used.

Mähri barmy?	*(Is Mahri there?)*
Mähri barmy**ka**?	*(Could you tell me if Mahri is there?)*
Nirede?	*(Where?)*
Nirede**kä**?	*(Could you tell me where?)*

Sometimes, it is also spoken to oneself when thinking aloud, similar to "I wonder..."

1) Translate the sentences, using "-ka/-kä." ("-ka/-kä" ulanyp, sözlemleri terjime ediň.)

Ex: Göwher Amerikadan geldimikä? _____

(Do you know if Gowher came back from America?)

1. _____

(Could you tell me if Jeren is there?)

2. _____

(Do you know if he is 27 years old?)

3. _____

(Do you know where the phone station is?)

4. _____

(Do you know if she is a teacher?)

5. _____

(Do you know if they bought a car?)

6. _____

(Could you tell me if the party is tomorrow?)

Short answers

Turkmens can respond to questions with short answers that echo the main idea of the question, much like English speakers use auxiliary verbs like "do" and "did."

Ol mekdebe gitdimi?	*(Did he go to school?)*
Hawa, **gitdi**.	*(Yes, he did.)*
Ol gül owadanmy?	*(Is that flower beautiful?)*
Hawa, **owadan**.	*(Yes, it is.)*

2) Answer the questions, using short answers. (Soraglara gysga jogap beriň.)

Ex: Nikalas Keýj Amerikadan geldimi? Hawa, geldi. _____

(Did Nicholas Cage come from America? Yes, he did.)

1. Sen ýalňyşdyňmy? _____

   (Did you make a mistake? Yes, I did.)

2. Aýna bankda pul çalyşdymy? _____

   (Did Ayna exchange money at the bank? Yes, she did.)

3. Ýegeniň Instituta girdimi? _____

   (Did your nephew enter the Institute? Yes, he did.)

4. Mekan düýn Daşoguza jaň etdimi? _____

   (Did Mekan call Dashoguz yesterday? Yes, he did.)

5. Döwlet gijä galdy. Ejesi alada etdimi? _____

   (Dowlet was late. Did his mother worry? Yes, she did.)

6. Selbi meni telefona çagyrýamy? _____

   (Is Selbi calling me to the telephone? Yes, she is.)

"I think...": öýtmek

To express a degree of uncertainty, as with the English use of "I think…" Turkmen use the verb "**öýtmek**." Following convention, the verb usually is spoken at the end of the sentence.

Hawa **öýdýän**.	*(Yes, I think so.)*
Ol kyrk ýaşynda **öýdýän**.	*(I think she's forty years old.)*

It is also commonly used as a response to questions that use the suffix "**-ka/-kä**."

3) Answer the questions, using "öýtmek" and the given translations ("Öýtmek" sözüni we berlen terjimeleri ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Maral, Jon öýdemi? Öýde öýdýän. _____

(Maral, is Jon at home? At home, I think.)

1. Merjeniň doglan güni şu günmi? _____

   (Is Merjen's birthday today? Tomorrow, I think.)

2. Amanyň toýy haçan? _____

   (When is Aman's wedding party? Next month, I think.)

3. Kümüş näçe sagat pişigini gözledi? _____

   (How many hours has Kumush been looking for her cat? Three, I think.)

4. Gülşat bilede näçe töledi? _____

   (How much did Gulshat pay for the ticket? 30.000, I think.)

5. Aýgül näme üçin işe gelmedi? _____

   (Why didn't Aygul come to work? She's in the city, I think.)

6. Leýli telegrafa gitdimikä? _____

   (Did Leyli go to the phone station? She went to the bank, I think.)

4) Answer the questions, using short answers and "öýtmek." (Soraglara"öýtmek" işligini ulanyp, gysga jogap beriň.)

Ex: Düýn Gurbanyň ejesi jaň etdimikä? Etdi öýdýän. _____

(Do you know if Gurban's mother called yesterday? I think (she) did.)

1. Çary hassahanadan çykdymyka? _____

   (Do you know if Chary got out of the hospital? I think (he) did.)

2. Myhmanlar öýümize girdilermikä? _____

   (Do you know if the guests went into our home? I think (they) did.)

3. Ol olara töledimikä? _____

   (Do you know if he paid them? I think (he) did.)

4. Olaň ejesi ýalňyşdymyka? _____

   (Do you know if their mother made a mistake? I think (she) did.)

5. Ol itiniň ölenine gynanýamyka?_____

   (Do you know if she's unhappy about her dog's death? I think (she) is.)

6. Sen blanka gol çekdiňmikä? _____

   (Do you know if you signed the check? I think (I) did.)

Emergency phone numbers

The following phone numbers can be dialed from any phone, free of charge.

01 – Ýangyn	01 – fire department
02 – Polisiya	02 – police
03 – Tiz kömek	03 – ambulance
04 – Gaz	04 – gas service
09 – Sorag-jogap gullugy	09 – information

Please note; however, most volunteers have never used these numbers during their service so the reliability of these numbers is undetermined. It is best to call Peace Corps.

Dialogue 3: Post office

Maral:	Salam Jon, sen nirä barýaň?	*Hi, Jon. Where are you going?*
Jon:	Salam Maral, men poçta barýan. Ejeme hat iberjek we posylkamy aljak. Meň bilen gitjekmi?	*Hi, Maral. I'm going to the post office. I will send a letter to my mother and get my package. Will you come with me?*
Maral:	Hawa, maňa hem gazet we žurnal gerek.	*Yes, I also need a magazine and a newspaper.*
	Poçtada…	***At the post office…***
Jon:	Salam, men Amerika hat iberjek. Konwert, marka, otkrytka barmy?	*Hello, I will send a letter to America. Do you have envelopes, stamps, and postcards?*
Poçtalýon:	Hawa, bar.	*Yes, we do.*
Jon:	Maňa bir konwert, bir otkrytka we iki sany marka gerek. Men näçe tölemeli?	*I need one envelope, one postcard, and two stamps. How much am I supposed to pay?*
Poçtalýon:	Bir bukjaň bahasy dört müň üç ýüz manat, açyk hat bäş müň manat we iki poçta belgisiniň bahasy bir müň manat. Hemmesi üçin on müň üç ýüz manat beräýiň.	*The price of one envelope is 4.300 manat, postcards are 5.000 manat, and 2 stamps are 1.000 manat each. For all of it, please give 10.300 manat.*
Jon:	Men haty nirede goýmaly?	*Where should I put the letter?*
Poçtalýon:	Haty poçta gutusyna atyň.	*Put the letter in the mailbox.*
Jon:	Maňa posylka barmyka?	*Do you know if there are packages for me?*
Poçtalýon:	Siziň adyňyz we familiýaňyz näme?	*What is your first name and last name?*

Jon:	Jon Smit.	*Jon Smith.*
Poçtalýon:	Size diňe posylka däl, hat hem bar. Şu ýere gol çekiň.	*There is not only a package for you, but also a letter. Sign your name here.*
Jon:	Köp sag boluň.	*Many thanks.*
Maral:	Maňa hem şu gazeti we şol žurnaly beriň. Men näçe bermeli?	*Also, please give me this magazine and that newspaper. How much am I supposed to pay?*
Poçtalýon:	Alty müň.	*6.000.*
Maral:	Alyň. Sag boluň.	*Here. Thank you.*

Cases and their suffixes

	Vowel Endings	**Consonant Endings**
Nominative Kim? Näme? Nire?	--- (no change) Leýli - Leyli pagta - cotton Gökdepe - Gokdepe	--- (no change) Aýgül - Aygul suw - water Änew - Anew
Genetive Kimiň? Nämäň? Niräň?	**-ň (-nyň, -niň, -nuň, -nüň)** Leýli**ň** - Leyli's pagta**ň** - cotton's Gökdepä**ň** - Gokdepe's	**-yň, -iň, -uň, -üň** Aýgül**üň** - Aygul's suw**uň** - water's Änew**iň** - Anew's
Dative Kime? Nämä? Nirä?	**-a**, **-ä (-na**, **-ne)** Leýl**ä** - to Leyli pagt**a** - to cotton Gökdep**ä** - to Gokdepe	**-a, -e** Aýgül**e** - to Aygul suw**a** - to the water Änew**e**- to Anew
Accusative Kimi? Nämäni? Niräni?	**-ny, -ni** Leýli**ni** - Leyli (direct object) pagta**ny**- the cotton (d.o.) Gökdepä**ni**- Gokdepe (d.o.)	**-y, -i** Aýgül**i** - Aygul (d.o.) suw**y** - the water (d.o.) Änew**i** - Anew (d.o.)
Locative Kimde? Nämede? Nirede?	**-da, -de (-nda, -nde)** Leýli**de** - at Leyli pagta**da**- in the cotton (field) Gökdepe**de**- in Gokdepe	**-da, -de** Aýgül**de** - at Aygul suw**da** - in the water Änew**de** - in Anew
Instrumental Kimden? Nämeden? Nireden?	**-dan, -den (-ndan, -nden)** Leýli**den** - from Leyli pagta**dan**- from cotton Gökdepe**den**- from Gokdepe	**-dan, -den** Aýgül**den** - from Aygul suw**dan** - from the water Änew**den** - from Anew

The subject of a sentence is normally in the nominative case. Direct objects of verbs are also in the nominative case when not speaking about a specific thing. Note that the question word, "**nire**," is almost never used in common speech; "**nirede**" is used instead, since the meaning is identical ("at where" vs. "where").

Men mugallym.	*(I am a teacher.)*
Sen **çaý** içmeli!	*(You should drink tea!)*

The genetive case is used to indicate possession. When using the genetive case, the appropriate genetive suffix must also be added to the possessed object.

Meň kakam işlänok.	*(My father doesn't work.)*
Mekdebiň kitaplary köp.	*(The school's books are plentiful.)*

The dative case is used to indicate direction toward something, similar to English use of "to." It is also sometimes equivalent to "for," indicating that an action was done for someone or something else.

Ol **şähere** gitdi.	*(She went to the city.)*
Maňa garaşsana!	*(Please wait for me!)*

The accusative case is used to express specificity with regards to a direct object, similar to the definite article "the" in English. It is also used when a direct object is referred to using "**bu/şu/ol/şol**" or the genetive case, since those also imply specificity.

Gapyny ýap!	*(Close the door!)*
Sen bu **kitaby** okajakmy?	*(Will you read this book?)*

The locative case is similar to "in/at/on" in English, specifying either physical or temporal location.

Olar **hassahanada** işleýä.	*(They work at the hospital.)*
Baýram **üçde** ýatdy.	*(Bayram slept at 3.)*

The instrumental case indicates origin, similar to the English word "from." However, it is sometimes used with verbs in ways that may sound strange to English speakers.

Biz **Amerikadan**.	*(We are from America.)*
Sen **ondan** soramaly.	*(You should ask him.)*

Note that when adding any case to a word with a third person genetive suffix, an '**n**' precedes the case.

obasy**n**yň mekdebi	*(their village's school)*
oň mekdebi**n**de	*(at his school)*
olaň mekdebi**n**den	*(from their school)*

5) Answer the questions, using the appropriate cases and the words given. (Berlen sözleri degişli düşümlerde ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Kime hat iberjek? (meň enem) Men eneme hat iberjek.

(To whom will you send a letter? I'll send a letter to my grandmother.)

1. Kimden posylka aldy? (oň enesi) _____

   (From whom did she get a package? She got a package from her grandmother.)

2. Kime hat ýazýa? (oň atasy) _____

   (To whom is he writing a letter? He's writing a letter to his grandfather.)

3. Kim telegrammany getirdi? (seň daýzaň) _____

   (Who brought the telegram? Your aunt brought the telegram.)

4. Kimden posylka aldyňyz? (biziň ejemiz) _____

   (From whom did you get a package? We got a package from our mother.)

5. Nirä telegrammany iberdik? (Daşoguz) _____

   (Where did we send a telegram? We sent a telegram to Dashoguz.)

6. Meni kim telefona çagyrýa? (seň ejeň) _____

   (Who's calling me on the phone? Your mother's calling you on the phone.)

6) Answer the questions, using "diňe." ("Diňe" sözüni ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Ata poçtadan näme satyn aldy? Ol poçtadan diňe markalar satyn aldy.

(What did Ata buy from the post office? He only bought stamps from the post office.)

1. Sen Amerika näme iberdiň? _____

   (What did you send to America? I only sent a postcard to America.)

2. Sähraň ejesi posylkada näme iberdi? _____

   (What did Sahra's mom send in the package? She only sent candy in the package.)

3. Jeren işe näme getirdi? _____

   (What did Jeren bring to work? She only brought a book to work.)

4. Siz düýn näme işlediňiz? _____

   (What did you do yesterday? We only watched tv yesterday.)

5. Olar şu gün bize gelmeli, soň mekdebe gitmelimi? _____

   _____

   (Today, are they supposed to come visit us, then go to school? No, they only are supposed to go to school.)

6. Sen söýgüliňe hat ýazjakmy?_____

   (Will you write a letter to your sweetheart? No, I will only send a picture to my sweetheart.)

Suffix order

When adding multiple endings to a word, the order is as follows:

root	**+ plural**	**+ poss. suffix**	**+ case**		
dost	+ lar	+ ymyz	+ da	=	dostlarymyzda *(at our friends')*
oba		+ sy	+ ndan	=	obasyndan *(from their village)*
öý		+ üň	+ e	=	öýüňe *(to your house)*

Don't forget to add the extra '**n**' when adding a case to an object with a third person genetive suffix (as in the second example above)!

7) Practice suffix order. (Goşulmalary tertipleşdirip goýuň.)

Ex: şäherlerimizden _____ *(from our cities)*

1. _____ *(to the cities)*
2. _____ *(our school's)*
3. _____ *(at my home)*
4. _____ *(from their teachers)*
5. _____ *(from her city's bazaar)*
6. _____ *(to your friends' party)*
7. _____ *(to his mother's female friend)*
8. _____ *(at the village's phone station)*
9. _____ *(from my teacher's wife's father)*
10. _____ *(in your (pl.) home's kitchen)*

With

The Turkmen word "**bilen**" is roughly equivalent to "with" in English. It always follows the associated word. However, note that the "**bilen**" clause can either precede or follow the subject of the sentence.

Myrat **Jeren bilen** gepleşdi.	*(Myrat spoke with Jeren.)*
Jeren bilen Myrat gepleşdi.	*(Myrat spoke with Jeren.)*
Men **Myrat bilen** gepleşdim.	*(I spoke with Myrat.)*
Myrat bilen men gepleşdim.	*(I spoke with Myrat.)*

The genetive case must be added to the singular pronouns "**men/sen/ol**" when used with "**bilen**."

Men **oň bilen** gepleşdim.	*(I spoke with him.)*
Meň bilen ol gepleşdi.	*(He spoke with me.)*

When inserted between two nouns, "**bilen**" is synonymous with "and" in English. When used in this manner, the genetive case is not added. "**Bilen**" can only be used in this manner with two nouns, and it is used almost exclusively for speaking in the third person..

Myrat **bilen** Jeren nahar iýdiler.	*(Myrat and Jeren ate a meal.)*
Men depder **bilen** ruçka satyn aldym.	*(I bought a notebook and pen.)*

As usual, note that the clause with "**bilen**" precedes the verb within a sentence.

8) Answer the questions, using "bilen" and the words given. (Berlen sözleri we "bilen" sözüni ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Jon poçta kim bilen gitdi? (Toýly) Ol poçta Toýly bilen gitdi. _____

(He went to the post office with Toyly.)

1. Ol poçtadan konwert bilen näme satyn aldy? (marka) _____

   _____

   (She bought an envelope and stamp from the post office.)

2. Aýnur ruçkasyny näme bilen çalyşdy? (galam) _____

   _____

   (Aynur exchanged her pen with a pencil.)

3. Serdar işden kim bilen çykdy? (dosty) _____

   _____

   (Serdar left work with his friend.)

4. Posylkada näme bar? (süýji, kitap) _____

_____

(There is candy and a book in the package.)

5. Eneş jorasyndan näme aldy? (otkrytka, hat) _____

_____

(Enesh got a postcard and letter from her friend.)

6. Aman kim bilen telefonda gepleşdi? (men) _____

_____

(Aman spoke on the telephone with me.)

9) Translate the sentences. (Sözlemleri terjime ediň.)

Ex: Men oň bilen dükana gitdim. _____

(I went to the shop with him.)

1. _____

(Did you write that book with her?)

2. _____

(He works with us.)

3. _____

(We ate palow with them.)

4. _____

(You should go with me.)

5. _____

(Do they work with you?)

Dialogue 4: Exchanging money

Muhammet:	Jon, ýagdaýlaryň nähili?	*Jon, how are things?*
Jon:	Gowy, özüň nähili?	*Good, how about yourself?*
Muhammet:	Erbet däl.	*Not bad.*
Jon:	Muhammet, sen Daýhan banka pul çalyşmak üçin gitdiňmi?	*Muhammet, go to the Dayhan bank in order to exchange money?*
Muhammet:	Ýok, men hiç wagt Daýhan bankda pul çalyşamok. Men hemişe Türkmenbaşy bankda çalyşýan.	*No, I never exchange money at the Dayhan bank. I always exchange at the Turkmenbashy bank.*

Jon:	Men bank gözledim, emma hiç ýerde ony tapmadym. Şu gün dollaryň nyrhy näçe, bileňokmy?	*I looked for the Turkmenbashy bank, but I couldn't find it anywhere. How much is the dollar's exchange rate today? Do you not know?*
Muhammet:	Bir dollar bäş müň iki ýüz manat.	*One dollar is 5.200 manats.*
Jon:	Men şu wagt banka gitjek we pulumy çalyşjak.	*I will go to the bank right now and exchange my money.*
Muhammet:	Sag bol.	*Bye.*

Sentence order

In general, sentences in Turkmen follow the same order. When question words are used, the order remains the same.

subject	time	place	object	verb
Men	düýn	poçtada	hat	iberdim.
(I mailed a letter at the post office yesterday.)				
Sen	ertir	mekdepde	sapak	okatjakmy?
(Will you teach a lesson at school tomorrow?)				
Olar	haçan	banka		gidýä?
(When are they going to the bank?)				

10) Unscramble the sentences. (Sözleri ýerli-ýerine goýuň.)

Ex: aldym / pul / bankdan / men

Men bankdan pul aldym.

(I withdrew money from the bank.)

1. işgärleri / aldylar / bankyň / aýlygyny

   _____

   (The bank's workers got their salaries.)

2. jaň etdi / kakam / telegrafda / düýn

   _____

   (My father called at the phone station yesterday.)

3. almaly / Ataş / ertir / bankdan / kredit

   _____

   (Atash is supposed to get credit from the bank tomorrow.)

4. aglady / köp / Gözeliň / düýn / gyzy

   _____

   (Gozel's daughter cried a lot yesterday.)

5. köp / Sapar / güldi / agşam / toýda

   _____

   (Sapar laughed a lot at the party last night.)

6. düýn / ejem / bilen / direktor / gepleşdi

   _____

   (My mother spoke with the director yesterday.)

7. oňa / alada edýä / ejesi / günde / sebäbi / jaň edýä / ol

   _____

   (His mother calls him every day because she worries.)

Absolute pronouns

hemme kişi	everyone
hemme zat	everything
hemme ýer(de)	everywhere
hemişe **hemme wagt**	always every time

hiç kim	no one
hiç zat	nothing
hiç ýer(de)	nowhere
hiç wagt **hiç haçan**	never

Similar to English, verbs are conjugated in the third person singular when using absolute pronouns. "**Hemme**" is equivalent to "every," and can also be used as an adjective.

Hemme zady halaýan. *(I like everything.)*
Hemme okuwçy gijä galdy. *(Every student was late.)*

"**Hiç**" is the negative equivalent. However, unlike English, when using absolute negatives, Turkmens employ a double negative.

Maňa **hiç zat** gerek **däl**. *(I don't need anything.)*
Ol **hiç wagt işlänok**. *(He never works.)*

11) Answer the questions, using the given absolute word. (Berlen sözleri ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Sen bankdan aýlygyňy käwagt alýaňmy? (hemişe)

Ýok, men bankdan aýlygymy hemişe alýan.

(Do you sometimes get your salary from the bank? No, I always get my salary from the bank.)

1. Sen posylkada näme iberdiň? (hemme zat)

   _____

   (What did you send in the package? I sent everything in the package.)

2. Doglan günüňe diňe dostlaryň geldimi? (hemme kişi)

   _____

   (Did only your friends come to your birthday? No, everyone came to my birthday.)

3. Sen işe diňe şu gün irden gitdiňmi? (hemişe)

   _____

   (Did you go to work in the morning only today? No, I always go to work in the morning.)

4. Sygyrlar diňe obalarda barmy? (hemme ýerde)

   _____

   (Are there cows only in the villages? No, there are cows everywhere.)

5. Jemal diňe şu gün köp gülýämi? (hemme wagt)

   _____

   (Did Jemal only laugh a lot today? No, she laughs a lot all the time.)

6. Maralyň bäbegi aglaýamy? (hemişe)

   _____

   (Does Maral's baby cry? Yes, her baby is always crying!)

12) Translate the dialogues. (Dialoglary terjime ediň.)

Ex: Haýsy reňki halaýaň? Hemme reňki halaýan.

(Which color do you like? I like every color.)

1. _____

   (Which student is smart? Every student is smart.)

2. _____

   (Which picture is beautiful? Every picture is beautiful.)

3. _____

   (Which dish is delicious? Every dish is delicious.)

4. _____

(Which child is good? Every child is good.)

5. _____

(Which holiday do you like? I like every holiday.)

Each

"**Her**" is similar in meaning to "**hemme**," just as "each" and "every" are almost identical in usage in English. However, sometimes "**her**" is used in situations that may sound odd when translated literally, but which cannot be said with "**hemme**." Typically, this occurs when speaking about time or regular routines. For example, English speakers may interchange "every week" with "each week," but Turkmens do not say "**hemme hepde**."

13) Complete the sentences, using "her." ("Her" sözüni ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Gülaýym her kime _____ sowgat berdi.

(Gulayim gave a present to each person.)

1. Men Gözel bilen _____ gepleşýän.

(I speak with Gozel each day.)

2. Ol _____ daşary ýurda gidýä.

(She goes to foreign countries each year.)

3. Okuwçylar _____ gezelenç edýäler.

(The students take trips each summer.)

4. Olar _____ myhmançylyga gidýäler.

(They go guesting every week.)

5. Çagalar _____ nahar soradylar.

(The children asked about food each hour.)

14) Complete the sentences, using double negatives with "hiç." (Ýokluk çalyşmalary ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: (hiç haçan, almak) Jeýk dollarda aýlyk hiç haçan alanok. _____

(Jake never gets his monthly salary in dollars.)

1. (hiç kim, ýalňyşmak) _____

(No one made any mistakes.)

2. (hiç ýerden, tapmak) Tom bank gözledi, emma _____

(Tom looked for the bank, but didn't find it anywhere.)

3. (hiç kim, hasabat açmak) Geçen hepde bankda _____

   (Last week, no one opened any accounts at the bank.)

4. (hiç wagt, aglamak) Jereniň jigisi _____

   (Jeren's little brother never cries.)

5. (hiç kim, tölemek) Men düýn _____

   (I didn't pay anyone yesterday.)

6. (hiç kim, gepleşmek) Olar _____

   (They don't speak with anyone.)

7. (hiç haçan, begenmek) Okuwçylar köp okaýalar, ýöne mugallym _____

   _____

   (The students study a lot, but the teacher is never happy.)

Question words

Kim?	Who?
Näme?	What?
Haçan?	When?
Nirede?	Where?
Näme üçin?	Why?
Näçe?	How much? / How many?
Haýsy?	Which?
Nähili?	How? / What kind?

Note that, when using "**kim**," verbs are conjugated in the singular third person.

15) Form questions by replacing the appropriate word in the sentence with the question word or phrase given. (Berlen sözleme sorag sözlerini dogry ulanyp, sorag sözlemlerini düzüň.)

Ex: Men hat ýazdym.

(Kim?) Kim hat ýazdy? _____

(Näme etdi?) Men näme etdim? _____

1. Biz düýn çagalara gynandyk.

   (Kim?) _____

   (Kime?) _____

   (Haçan?) _____

2. Mahym düýn poçta gitdi.
   (Kim?) _____
   (Haçan?) _____
   (Nirä?) _____
   (Näme etdi?) _____
3. Sen şol kitaby okadyň.
   (Kim?) _____
   (Haýsy kitap?) _____
   (Näme etdi?) _____
4. Aýgözel bilen Selbi häzir telegrafa girdi.
   (Kim?) _____
   (Haçan?) _____
   (Kim bilen?) _____
   (Nirä?) _____
   (Näme etdi?) _____
5. Sähra düýn poçtadan iki sany uly posylka aldy.
   (Kim?) _____
   (Haçan?) _____
   (Nireden?) _____
   (Näçe?) _____
   (Nähili?) _____
   (Näme?) _____
   (Näme etdi?) _____

Expressing motivation or reason

The Turkmen word "**üçin**" alternately means "for" or "in order to,"depending on context. It is used to show that something was done for something else.

Men ejem **üçin** gül aldym.	*(I bought a flower for my mother.)*
Olar hat ibermek **üçin** poçta gitdi.	*(They went to the post office in order to send a letter.)*

When the motivating factor is a singular pronoun "**men/sen/ol**," the genetive case must be added.

Kakam **meň üçin** nahar bişirdi.	*(My father cooked for me.)*

Note that in many cases, "**üçin**" is interchangeable with the dative case "**-a/-e**."

Kakam **maňa** nahar bişirdi.	*(My father cooked for me.)*

16) Answer the questions, using "üçin" and the verb given. (Berlen işlikleri "üçin" sözi bilen ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Maral näme üçin köp okaýa? (akylly bolmak)

Maral akylly bolmak üçin köp okaýa.

(Why does Maral read a lot? Maral reads a lot in order to be smart.)

1. Sen näme üçin telegrafa gitdiň? (jaň etmek)

   _____

   (Why did you go to the phone station? I went to the phone station in order to make a phone call.)

2. Baýram näme üçin bazara gitdi? (tüwi getirmek)

   _____

   (Why did Bayram go to the bazaar? He went to the bazaar to get (bring) rice.)

3. Sözlügi näme üçin açdyň? (söz tapmak)

   _____

   (Why did you open the dictionary? I opened the dictionary in order to find a word.)

4. Türkmenistana näme üçin geldiň? (işlemek)

   _____

   (Why did you come to Turkmenistan? I came to Turkmenistan in order to work.)

5. Kerim näme üçin geldi? (kömekleşmek)

_____

(Why did Kerim come? He came in order to help.)

17) Match. (Birleşdiriň.)

Ex:	Men seni görmek üçin	geldim.
1.	Ol aýlyk almak üçin	et satyn aldyň.
2.	Biz rusça bilmek üçin	poçta gitdiler.
3.	Olar hat ibermek üçin	köp okadyk.
4.	Sen manty biširmek üçin	garašýañyzmy?
5.	Siz öýüňize jañ etmek üçin	banka gitdi.

18) Translate the above sentences. (Ýokardaky sözlemleri terjime ediň.)

Ex: I came in order to see you. _____

1. _____
2. _____
3. _____
4. _____
5. _____
6. _____

Vocabulary (Täze sözler)

Işlikler	Verbs
aglamak	to cry
alada etmek	to worry
çagyrmak	to call / to invite
(pul) çalyşmak	to exchange (money)
çykmak	to leave / to exit
gepleşmek	to speak (with someone)
girmek	to enter
gol çekmek	to sign one's signature
gözlemek	to look for
gülmek	to laugh
gynanmak	to regret / to be unhappy
hat atmak	to put a letter (into a mailbox)
ibermek	to send
jaň etmek	to telephone
öýtmek	to think / to believe to be true
tapmak	to find
tölemek	to pay
ýalňyşmak	to make a mistake

Sypatlar	Adjectives
açyk	open
dogry	correct
gyzykly	interesting
ýalňyş	wrong
ýapyk	closed

Atlar	Nouns
gazet	newspaper
geljek	the future
gezelenç	day trip / short trip
žurnal	magazine
sözlük	dictionary
sygyr	cow
teatr	theater

Gepleşik bölümi / telegraf	Phone station
telefon	telephone
gepleşik	speech
operator	operator
otagça / kabine	booth / small room
belgi / nomer	number / room number
ýangyn	fire
polisiýa	police
tiz kömek	emergency aid / ambulance

sorag-jogap gullugy	information service

Poçta	**Post office**
poçta/ (aragatnaşyk bölümi*)	post office
hat	letter
posylka / (dolama*)	package
marka/ (poçta belgisi*)	stamp
konwert/ (bukja*)	envelope
otkrytka/ (açyk hat*)	postcard
poçta gutysy	mailbox
hatçy / poçtalýon	postal service worker
telegramma	telegram
*rarely used- most dominate word listed first	

Bank	**Bank**
aýlyk / iş haky	monthly salary
dollar	dollar
hasabat	account
kredit / karz	credit
kartoçka	card
nyrh / kurs	exchange rate

Umumy	**Miscellaneous**
bilen	with
diňe	only
hiç	none / nothing
hiç kim	no one
hiç zat	nothing
hiç haçan / hiç wagt	never
hiç ýer(de)	nowhere
hemme	every
hemme kişi / hemme kim	everyone
hemme zat	everything
hemişe / hemme wagt	everytime
hemme ýer(de)	everywhere
her	each
şu ýerde / şu taýda / bu ýerde / bu taýda	here
şol ýerde / şol taýda / ol ýerde / ol taýda	there

Frazalar	**Phrases**
Hiç kim alanok. / Alýan ýok.	No one is answering.
Zanit.	The line is busy.
Men daşary ýurt bilen gepleşip bilýänmi?	Can I call other countries?
Şäherlere aragatnaşygyň nyrhy näçe?	What is the rate between cities?

Telegramma ibermek mümkinmi?	Is it possible to send a telegram?
Amerika posylka iberip bolýamy?	Can I send this package to America?
Men bankdan hasap açyp bilermikäm?	Can I open an account?
Men siziň bankyňyzdan pul almaly.	I would like to withdraw money.
Sizde kredit karta ulanyp bolýamy?	Can I use a credit card here?
Pul çalyşmak mümkinmi?	Is it possible to exchange money?
Nurh näçeden?/ Kurs näçeden?	What is the exchange rate?

Unit 6:
Transport *(Ulaglar)*
Orientation, Directions *(Ugur-Tarap)*

Competencies:

- Taking a taxi
- Describing means of transportation
- Giving and following directions
- Describing locations of places and things
- Asking for permission to do things

Grammar:

- Adding politeness with "-aý/-äý"
- Reflexive pronouns
- Relative locative statements
- "nähili" vs. "nädip"

Dialogue 1: Taxi ride

Jon:	Ors bazaryň üsti bilen aeroporta äkitjekmi?	*Will you take me to the airport by way of the Russian bazaar?*
Sürüji:	Rus bazarda köp eglenjekmi?	*Will you spend a lot of time in the bazaar?*
Jon:	Aý, ýok.* Bäş-on minut, köp däl. Näçe tölemeli?	*No. Not much, 5, 10 minutes. How much should I pay?*
Sürüji:	Ýigrimi müň manat.	*20.000 manat. (4 new manat)*
Jon:	Gymmadrak.	*That's kind of expensive.*
Sürüji:	Bolýa, onda özüň näçe berjek?	*Okay, then how much will you pay?*
Jon:	On bäş müň.	*15.000. (3 new manat)*
Sürüji:	Bolýa, münüň. Saňa rus bazaryň haýsy tarapyndan barmaly?	*Okay, get in. Which side of the Russian bazaar should we go to for you?*
Jon:	Görogly köçeden.	*Gorogly Street.*
	Bir salymdan soň...	***A moment later...***
Sürüji:	Şu ýerde saklasam bolýamy?	*Is it okay if I stop here?*
Jon:	Hawa, garaşaýyň, men basym geljek.	*Yes, wait, I will come back soon.*
	Bir salymdan soň...	***A moment later...***
Sürüji:	Boldumy?	*Finished?*
Jon:	Hawa. Aeroporta süräýiň!	*Yes. Please drive to the airport!*
Sürüji:	Seň milletiň näme?	*What's your nationality?*
Jon:	Amerikan.	*American.*
Sürüji:	Şeýlemi? Amerika barýaňmy?	*Oh really? Are you going to America?*
Jon:	Ýok, Mara. Meň dostum şol ýerde ýaşaýa. Men bazardan maşgalasyna sowgat aldym. Bagyşlaň, şu taýda saklaýyň. Alyň, sag boluň!	*No, to Mary. My friend lives there. I bought a present from the bazaar for his family. Excuse me, stop here please. Here you go, good bye!*
Sürüji:	Bolýa, sag bol. Sag-aman bar.	*Ok, bye. Have a safe trip.*

* "**Aý**" is a common utterance, used in response to questions or requests, which can convey any of several meanings. Sometimes it implies something isn't worth worrying about, or isn't important. Occasionally, it is used to express mild disagreement. It can also imply exasperation, as in, "Why in the world are you asking me this?"

1) Complete the sentences, adding the accusative and dative cases to the object and destination given. (Berlen atlary ýeňiş we ýöneliş düşümde ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Meni şähere _____ äkitjekmi? (men, şäher)

(Will you take me to the city?)

1. _____ äkitjekmi? (men, öý)

(Will you take me home?)

2. _____ äkitjekmi? (biz, Teke bazar)

(Will you take us to the Teke bazaar?)

3. _____ äkitjekmi? (olar, bank)

(Will you take them to the bank?)

4. _____ äkitjekmi? (daýzam, restoran)

(Will you take my aunt to the restaurant?)

5. _____ äkitjekmi? (dostum, kafe)

(Will you take my friend to the cafe?)

6. _____ äkitjekmi? (biz, Parahatçylyk Korpusy)

(Will you take us to Peace Corps?)

2) Complete the sentences, adding the dative case to the destination and conjugating the verb with the appropriate tense. (Atlary ýöneliş düşümde we işlikleri degişli zamanda ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Men düýn dükana _____ gitdim _____. (dükan)

(I went to the shop yesterday.)

1. Maral geçen hepde _____ pul töle_____. (bank)

(Maral paid money to the bank last week..)

2. Men ejem bilen ertir _____ git_____. (teatr)

(I will go with my mother to the theater tomorrow.)

3. Çagalar günde zooparkda _____ sered_____. (haýwanlar)

(The children look at animals at the zoo every day.)

4. Sen Dursun bilen öňňin _____ git_____? (ilçihana)

(Did you go to the embassy with Dursun the day before yesterday?)

5. Serdar şu gün altyda dosty bilen _____ gid_____? (toý)

(Is Serdar going to the party with his friend at six today?)

6. Biletleriň puluny _____ töle_____? (kassa)

(Will you pay the cashier the money for the tickets?)

3) Complete the sentences, adding the instrumental case to the origin and conjugating the verb with the appropriate tense. (Atlary çykyş düşümde we işlikleri degişli zamanda ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Biz düýn obadan _____ geldik _____. (oba)

(We came from the village yesterday.)

1. Jon geçen ýyl _____ gel_____. (Amerika)

   (Jon came from America last year.)

2. Olar şu aý _____ gel_____. (Daşoguz)

   (They are supposed to come from Dashoguz this month.)

3. Sen şu wagt _____ düş_____? (taksi)

   (Did you get off from a taxi just now?)

4. Orazyň dogany indiki ýyl _____ gel_____. (gulluk)

   (Oraz's older sibling is supposed to come from the army next year.)

5. Siz olary ertir_____ gözle_____? (nire)

   (Where will you look for them tomorrow?)

6. Meýletinçiler daňdan _____ düş_____? (uçar)

   (Did the volunteers get off from the plane in the late evening?)

4) Write out the sentences, putting the given word into the correct case. (Berlen sözleri degişli düşümlerde ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: (muzeý) Meýletinçiler geçen hepde muzeýe gitdiler. _____

(Volunteers went to the museum last week.)

1. (metjit) Myrat _____

   (Myrat came from the mosque.)

2. (dükan) Sen _____

   (Did you go to the shop yesterday?)

3. (aeroport) Biz _____

   (We will go to the airport tomorrow morning.)

4. (Çüli) Sen _____

   (Did you come from Chuli last week?)

5. (saglyk öýi) Ol _____

   (She is supposed to go to the House of Health this month.)

6. (duralga) Siz _____

   (Are you getting off at the next stop?)

Stating means of transportation

The suffix "**-ly/-li**" can be added to a type of vehicle to indicate the means by which

5) Complete the sentences, putting the origin and destination into the appropriate cases. (Berlen sözleri degişli düşümlerde goýup, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Biz geçen aý (Amerika, Türkmenistan) Amerikadan Türkmenistana uçarly geldik.

(We came from America to Turkmenistan by airplane last month.)

1. Men ertir (Aşgabat, Daşoguz) _____ taksili gitjek.

   (I will go from Ashgabat to Dashoguz by taxi tomorrow.)

2. Şemşat şu gün (iş, öý) _____ marşrutkaly geldi.

   (Shemshat came home from work by marshrutka today.)

3. Amanyň jigisi düýn (öý, mekdep) _____ tigirli gitdi.

   (Aman's younger sibling went from home to school by bicycle yesterday.)

4. Biz hemişe (şäher, oba) _____ pyýada gatnaýas.

   (We always commute from the city to the village on foot.)

5. Siz (Lebap, Aşgabat) _____ nämeli gitdiňiz?

   (How did you go from Lebap to Ashgabat?)

6. Her gün (Herrikgala, Ruhabat) _____ awtobusly gatnaýa.

   (He commutes from Herrikgala to Ruhabat by bus every day.)

6) Answer the questions, using the form of transport given. (Berlen atlary ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Siz Türkmenistana nämeli geldiňiz? (uçar) Uçarly geldik.

(How did you come to Turkmenistan? We came by airplane.)

1. Olar Aşgabatdan nämeli gitdiler? (marşrutka) _____

   (How did they leave Ashgabat? They left by marshrutka.)

2. Oglanlar toýdan nämeli geldiler? (maşyn) _____

   (How did the boys come from the party? They came by car.)

3. Siz Balkanabada nämeli gitdiňiz? (taksi) _____

   (How did you go to Balkanabat? We went by taxi.)

4. Biz Türkmenbaşa nämeli gitmeli? (otly) _____

   (How should we should go to Turkmenbashy? We should go by train.)

5. Daýzam Turkiýeden nämeli gaýtdy? (gämi) _____

   (How did my aunt return from Turkey? She returned by ship.)

6. Kakaň işe nämeli gatnaýa? (pyýada) _____

   (How does your father commute to work? He commutes on foot.)

7) Unscramble the sentences, paying attention to case and tense. (Berlen sözleri ýerli ýerinde goýup, sözlem düzüň. Düşüm we zaman goşulmalaryny dogry ulanyň.)

Ex: Gypjak / öňňin / taksi / gitmek / biz

Biz öňňin Gypjaga taksili gitdik. _____

(We went to Gypjak by taxi the day before yesterday.)

1. marşrutka / Änew / düýn / gelmek / ol

   _____

   (She came from Anew by marshrutka yesterday.)

2. siz / uçar / Daşoguz / gitmek / şu ýyl / ?

   _____

   (Did you go to Dashoguz by airplane this year?)

3. ertir / aeroport / gitmek / meýletinçiler / awtobus

   _____

   (The volunteers will go to the airport by bus tomorrow.)

4. sen / gitmek / iş / her gün / maşyn / ?

   _____

   (Do you go to work by car everyday?)

5. biz / otly / gitmek / şu gün / Tejen / ?

   _____

   (Should we go to Tejen by train today?)

6. günortan / azaşmak / olar / tigir / şäher/ gitmek / we

   _____

   (They went to the city by bicycle at noon and got lost.)

8) Make sentences by filling in the table. (Öýjükleri dolduryp, sožlem düzüň.)

	Kim?	**Haçan?**	**Nireden?**	**Nirä?**	**Nämeli?**	**Gitdi/geldi**
Ex:	Maýa	düýn	Gökjeden	Aşgabada	awtobusly	geldi.
1.						
2.						
3.						
4.						
5.						

Asking for permission

In Unit 2, you learned a simple structure using "**mümkin**" for asking permission to do

Oka**sam bolýamy?** *(Is it okay if I read?)*
Iý**sem bolýamy?** *(Is it okay if I eat?)*

Negatives are formed by adding "**-ma/-me**" after the verb stem.

Ýat**masam bolýamy?** *(Is it okay if I don't sleep?)*

9) Ask for permission, using "bolýamy?" ("Bolýamy?" sözüni ulanyp, rugsat soraň.)

Ex: Bagyşlaň, sizden bir zat sorasam bolýamy? _____

(Excuse me, is it okay if I ask you something?)

1. Eje, men öýe pişik (getirmek) _____
   (Mom, is it okay if I bring a cat home?)
2. Kaka, her gün irden howluda (ylgamak) _____
   (Father, is it okay if I run each day in the yard?)
3. Täçmyrat, seň ruçkaňy (ulanmak) _____
   (Tachmyrat, is it okay if I use your pen?)
4. Daýy, maşynyňy (sürmek) _____
   (Uncle, is it okay if I drive your car?)
5. Bagyşlaň, şu ýerde (durmak) _____
   (Excuse me, is it okay if I stop here?)
6. Bagyşlaň, şu taýda taksi (saklamak) _____
   (Excuse me, is it okay if I stop the taxi here?)
7. Siziň maşynyňyza (münmek) _____
   (Is it okay if I get into your car?)
8. Şu köçede (düşmek) _____
   (Is it okay if I get off at this street?)

10) Complete the sentences, using the negative form of requesting permission with "bolýamy?" ("Bolýamy?" sözüni ýokluk manyly şert işligi bilen ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Men şu gün mekdebe (gitmek) gitmesem bolýamy?

(Is it okay if I don't go to school today?)

1. Daşoguza samolýotly (gitmek)_____

   (Is it okay if I don't go to Dashoguz by airplane?)

2. Şu taýdan oba çenli hiç zat (tölemek) _____

   (Is it okay if I don't pay anything (to go) from here to the village?)

3. Men işe her gün (gatnamak) _____

   (Is it okay if I don't commute to work every day?)

4. Kitaby kitaphana (äkitmek) _____

   (Is it okay if I don't take the book to the library?)

5. Öý işimi (etmek) _____

   (Is it okay if I don't do my homework?)

6. Siziň maşynyňyzy (sürmek) _____

   (Is it okay if I don't drive your car?)

Adding politeness to verbs

The utterance "**-aý/-äý**" can be added to verbs in order to soften a sentence, making it more polite. It is most often used in imperatives, but it can be inserted just after the verb stem to soften other statements as well.

Meni metjide äkid**äý**!	*(Take me to the mosque, please!)*
Olar üçin taksi tut**aý**yň!	*(Hail a taxi for them, please!)*
Äpişgäni ýap**aý**jak.	*(I will close this window, if you don't mind.)*
Gapyny ýuwaşrak ýap**aý**yň	*(Close the door more quietly, please!)*

11) Ask politely, using singular commands together with "-aý/-äý." (Işligiň buýruk formasyny "-aý/-äý" bilen ulanyp, mylakatly haýyş ediň.)

Ex: Şu ýerde saklaý! (saklamak)

(Stop here, please!)

1. Duralgada _____ (durmak)

   (Stop at the bus stop, please!)

2. On-on bäş minut _____ (ylgamak)

   (Run for 10, 15 minutes, please!)

3. Bir bilet _____ (bermek)

   (Give one ticket, please!)

4. Şol taksini _____ (saklamak)

   (Stop that taxi, please!)

5. Awtobusa _____ (münmek)

   (Get on the bus, please!)

6. Maňa _____ (seretmek)

   (Look at me, please!)

12) Ask politely, using plural commands together with "-aý/-äý." (Işligiň buýruk formasyny "-aý/-äý" bilen ulanyp, mylakatly haýyş ediň.)

Ex: Şu ýerde saklaýyň! _____ (saklamak)

(Stop here, please!)

1. Gaýtargymy _____ (bermek)

   (Give (me) my change, please!)

2. Şol ýerde _____ (durmak)

   (Stop there, please!)

3. Çatrykdan saga _____ (öwrülmek)

   (Turn right at the intersection, please!)

4. Taksi _____ (tutmak)

   (Hail a taxi, please!)

5. Awtobus gelýämi? _____ (seretmek)

   (Is the bus coming? Look, please!)

6. Çaltrak _____ (ylgamak)

   (Run faster, please!)

Super-duper polite imperatives

The suffixes "**-saňyzla/-seňizle**"are used in extremely formal situations such as when speaking to an important elder. The negative is formed by adding "**-ma/-me**" after the verb stem.

13) Complete the sentences, using "-saňyzla/-seňizle." ("-saňyzla/-seňizle" goşulmasyny ulanyp, mylakatly haýyş ediň.)

Ex: Ýuwaşrak sürseňizle! _____ (sürmek)

(Would you drive a little slower, please?)

1. Orazy _____ (çagyrmak)

   (Would you call Oraz, please?)

2. Tigirimi _____ (getirmek)

   (Would you bring my bicycle, please?)

3. Maşynyň aýnasyny _____ (açmak)

   (Would you open the window, please?)

4. Siz maňa şu ýerde _____ (garaşmak)

   (Would you wait for me here, please?)

5. Marşrutka _____ (münmek)

   (Would you get on the marshrutka, please?)

6. Awtobus _____ (saklamak)

   (Would you stop the bus, please?)

14) Complete the sentences, using formal, plural negative imperatives by adding "-masaňyzla/-meseňizle." ("-masaňyzla/-meseňizle" goşulmasyny ulanyp, mylakatly haýyş ediň.)

Ex: Gaty sürmeseňizle! _____ (sürmek)

(Would you not drive so quickly, please?)

1. Çalt _____ (ýöremek)

   (Would you not walk (so) quickly, please?)

2. Çepe _____ (sowulmak)

   (Would you not turn left, please?)

3. Çilim _____ (çekmek)

   (Would you not smoke, please?)

4. Köçeden _____ (geçmek)

   (Would you not cross the street, please?)

5. _____ (howlukmak)

   (Would you not hurry, please?)

6. Maňa _____ (seretmek)

   (Would you not look at me, please?)

Dialogue 2: Getting lost

Maral:	Allo! Jon, bu senmi? Nähili? Gowumy?	*Hello! Jon, is that you? How are you? Are you well?*
Jon:	Hawa, gül ýaly. Maral, özüň nähili?	*Yes, things are great. Maral, how about yourself?*
Maral:	Erbet däl. Jon, men ertir seni we Sarany doglan günüme çagyrýan.	*Not bad. Jon, I'm inviting you and Sara to my birthday tomorrow.*

Jon:	Şeýlemi, gutly bolsun! Näçede barmaly? Nirä barmaly?	*Really, congratulations! What time should we arrive? Where should we go?*
Maral:	Ertir sagat bäşde Zip bara barmaly.	*You should come to the Zip bar tomorrow at 5 o'clock.*
Jon:	Zip bar? Ol nirede ýerleşýä?	*The Zip bar? Where's it located?*
Maral:	Nowaýy köçede. Hökman geliň, men garaşjak. Ertire çenli sag bol!	*On Noway street. You must come, I will be waiting. Until tomorrow, bye!*
Jon:	Sag bol!	*Bye!*
	Ertesi gün…	***The next day…***
Jon:	Sara, biz azaşdyk öýdýän.	*Sara, I think we're lost.*
Sara:	Ýok, biz şu çatrykdan çepe sowulmaly.	*No, we should turn left at this intersection.*
Jon:	Bolýa, ýör.	*Okay, go.*
Sara:	Wii, dur. Bagyşla, biz çepe däl, saga öwrülmeli.	*Oops, stop. Sorry, not to the left, we should turn to the right.*
Jon:	Şeýlemi? …emma bu Nowaýy köçesi däl. Zip bar Nowaýy köçesinde bolmaly.	*Oh really? …but this isn't Noway Street. The Zip bar should be on Noway Street.*
Sara:	Hawa, sen dogry aýdýaň. Biz azaşdyk.	*Yes, you're right. We're lost.*
Jon:	Alada etme, Sara, men häzir şol gyzdan sorajak.	*Don't worry, Sara. I'll ask that girl now.*
Jon:	Bagyşlaň, Zip bar niredekä?	*Excuse me, do you know where the Zip bar is?*
Gyz:	Siz "Daýhan" myhmanhanasyny bilýäňizmi?	*Do you know the "Dayhan" Hotel?*
Jon:	Ýok.	*No.*
Gyz:	Onda Teke bazary bilýäňizmi?	*Then do you know the Teke bazaar?*
Jon:	Hawa, bilýäs.	*Yes, we know.*
Gyz:	Siz Teke bazardan göni ýöräň, birinji çatrykdan geçiň, we ikinji çatrygyň burçunda "Daýhan" myhmanhanasy bar. Zip bar myhmanhananyň yzynda.	*Walk straight from the Teke bazaar, pass the first intersection and at the corner of the second intersection is the "Dayhan" Hotel. The Zip bar is behind the hotel.*
Jon:	Bolýa, köp sag boluň!	*Okay, many thanks!*
Sara:	Taňryýalkasyn!	*Thank you!*
Gyz:	Bor,* bileýalkasyn! Sag-aman baryň!	*Okay, you're welcome. Safe travels!*

* "**bor**" is short for "**bolýa**."

Reflexive pronouns

Meň	özüm	myself
Seň	özüň	yourself
Oň	özi	himself / herself / itself / oneself
Biziň	özümiz	ourselves
Siziň	özüňiz	yourselves
Olaň	özleri	themselves

Reflexive pronouns are often used to emphasize the subject of a sentence, or to imply that something was done alone, much like in English. When used in this manner, they immediately follow the subject, which should be in the genetive case. Note that verb conjugation remains the same. As usual, the genetive pronoun is often omitted.

Meň özüm kir ýuwdum. *(I myself did the laundry.)*
Özi maşyn sürdi. *(She drove the car herself.)*

6. Göwheriň burny* _____ *(Gowher's nose is not very big.)*
7. Aýlaryň gözi _____ *(Aylar's eyes are not that small.)*
8. Laçynyň saçy _____ *(Lachyn's hair is not thick.)*

*See shaded box on p. 290 for explanation of removed vowels.

Describing physical characteristics

In Turkmen, the suffix "**-ly/-li**" is often used to describe a person's physical traits. The appropriate adjective is spoken before the characteristic being described, and then the suffix is added.

3) Answer the question negatively, using "-ly/-li" and the adjectives given, as in the example. (Atlara "-ly/-li" goşulmasyny goşup, berlen sypatlar bilen ulanyp, soraglara ýokluk manyda jogap beriň.)

Ex: Keýigiň gözi gökmi? Ýok, ol goňur gözli. _____ (goňur)

(Are Keyik's eyes blue? No, she's brown-eyed.)

1. Suleýmanyň saçy garamy? _____ (sary)

   (Is Suleyman's hair black? No, he's blond.)
2. Näzigiň boýy uzynmy? _____ (orta)

   (Is Nazik tall? No, she's average height.)
3. Hojagulyň ýüzi süýrimi? _____ (tegelek)

   (Is Hojaguly's face long? No, he's round-faced.)
4. Gülşadyň saçy uzyn we garamy? _____ (gysga, goňur)

   (Is Gulshat's hair long and black? No she has short, brown hair.)
5. Şadurdyň gözi uly we gökmi? _____ (kiçi, gara)

   (Are Shadurdy's eyes large and blue? No, he has small, black eyes.)
6. Baharyň gaşy gür we uzynmy? _____ (inçe, gysga)

   (Are Bahar's eyebrows thick and long? No, she has thin, short eyebrows.)

Alone

To say "alone" in Turkmen, the genetive case is used along with "**ýeke**" and the reflexive pronoun "**öz**."

Meň ýeke özüm gitdim.	*(I went alone.)*
Öýde **olaň ýeke özleri**.	*(They are home alone.)*

Sometimes, "**öz**" is omitted along with use of the genetive case. "**Ýeke**" then is used like any other adverb. The meaning is the same, however.

Siz **ýeke** geldiňizmi?	*(Did you come alone?)*

4) Answer the questions, using "ýeke" with "öz" and the appropriate genetive suffix. (Degişli ýönkeme bilen "öz" sözüni we "ýeke" sözüni ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Sen şähere kim bilen gitdiň? Ýeke özüm. _____

(Who did you go with to the city? (I went) alone.)

1. Men kim bilen işlemeli? _____

   (Who should I work with? (You should work) alone.)

2. Gurban dosty bilen gitdimi? Ýok, _____

   (Did Gurban go with his friend? No, (he went) alone.)

3. Okuwçylar mugallym bilen daga gitdilermi? Ýok, _____

   (Did the students go with their teacher to the mountains? No, (they went) alone.)

4. Biz kim bilen metjide gitmeli? _____

   (Who should we go to the mosque with? (You should go) alone.)

5. Siz kim bilen Hindistana gezelenç etdiňiz? _____

   (Who did you take a trip to India with? (We took it) alone.)

6. Sen öýde ejeň bilen galýaňmy? Ýok, _____

   (Are you staying at home with your mother? No, (I'm staying) alone.)

Dialogue 2: Personality

Jon:	Maral, sen meň dostum Tomy bilýäňmi?	*Maral, do you know my friend Tom?*
Maral:	Hawa, uzyn boýly, saryýagyz, horrak oglanmy?	*Yes, the tall, fair-complexioned, kind of thin boy?*
Jon:	Edil özi. Oň ertir şertnamasy dolup, Amerika gidýä.	*Exactly. Tomorrow his contract will be fulfilled and he is going to America.*

Maral:	Men Tomy gowy tanaýan. Ol örän akylly, sypaýy, şadyýan oglan.	*I know Tom well. He is a very smart, considerate, and cheerful boy.*
Jon:	Dogry aýdýaň, ol örän eli açyk, dogruçyl hem alçak.	*You speak truly. He is very generous, honest, and friendly.*
Maral:	Hawa alçak. Şeýle hem ol bagtly. Tom Türkmenistanyň myhmansöýer, sabyrly, işeňňir adamlary bilen iki ýyl işledi.	*Yes. Along with that, he's lucky. Tom worked with the hospitable, patient, hardworking people of Turkmenistan for two years.*
Jon:	Türkmen adamlary bilen işlemek, meň üçin hem uly bagt.	*It is a great fortune for me to work with the Turkmen people as well.*

5) Answer the questions, using the adjective given, as in the example. (Berlen sypatlary ulanyp, nusgadaky ýaly soraglara jogap beriň.)

Ex: Serdaryň dogany gorkakmy? (batyr) Ýok, gorkak däl. Ol batyr.

(Is Serdar's older sibling cowardly? No, he's not cowardly. He's brave.)

1. Ol akyllymy? (samsyk) _____

   (Is he smart? No, he's not smart. He's stupid.)

2. Seň dostuň gysgançmy? (eli açyk) _____

   (Is your friend stingy? No, he's not stingy. He's generous.)

3. Maýsaň jigisi gaharjaňmy? (mylaýym) _____

   (Is Maysa's younger sibling short-tempered? No, she's not short-tempered. She's kind.)

4. Orazyň jigisi ýalançymy? (dogruçyl) _____

   (Is Oraz's younger sibling dishonest? No she's not dishonest. She's honest.)

5. Siziň dostlaryňyz şadyýanmy? (göwniçökgün) _____

   (Are your friends cheerful? No, they're not cheerful. They're morose.)

6. Olaň kiçi dogany ýaltamy? (işeňňir) _____

   (Is their younger sibling lazy? No, he's not lazy. He's hardworking.)

7. Olaň ejesi dommamy? (alçak) _____

   (Is their mother reserved? No, she's not reserved. She's friendly.)

8. Siziň jigiňiz tertiplimi? (garagol) _____

   (Is your younger sibling well-behaved? No, he's not well-behaved. He's naughty.)

9. Goňşymyz myhmansöýermi? (garasöýmez) _____

   (Is our neighbor hospitable? No, she's not hospitable. She's reclusive.)

6) Use the words below to complete the text. (Berlen sözlerden peýdalanyp, boş ýerleri dolduryň.)

alçak	ýalta	myhmansöýer	garagol
akylly	gaharjaň	gysganç	işeňňir

Meniň maşgalam uly. Men ejem, kakam, iki gyz doganym we bir oglan jigim bilen ýaşaýan. Meniň bir oglan doganym hem bar, emma ol biz bilen ýaşanok. Sebäbi ol öýlenen.

Ejem örän köp işleýär, ol _____.

Meniň kakam uniwersitetdeki mugallym, ol köp kitap okaýar, ýöne köplenç ol bize käýeýär. Ol _____ emma _____.

Uly gyz doganym köplenç öýde. Onuň birnäçe gyzykly kitaplary we gowy aýdymly kassetalary bar, emma olary hiç kime okamaga ýa-da diňlemäge berenok. Uly gyz doganym _____.

Meniň kiçi gyz doganymyň joralary köp. Ol adamlar bilen tanyşmagy, bile işlemegi we kömek bermegi halaýar. Sebäbi ol _____.

Oglan jigim mekdepde okaýar. Ol öý işlerini ýazmagy halamaýar, ejeme, kakama-da kömek edenok, sebäbi ol _____.

Biz köplenç oglan doganymlara myhmançylyga gidýäs. Ol myhman çagyrmagy gowy görýä. Sebäbi ol _____. Oglan doganymyň çagalary hem bar. Olar hemişe öýüň içinde oýnaýalar we gülleri, gap-çanaklary döwýäler. Olar _____.

Unit 1-10 Review

7) Complete the sentences with the correct word. (Dogry jogaby saýlap, sözlemleri dowam ediň.)

Ex: Men her gün irden sagat ýedide _____.

a. ýatýan
b. getirýän
c. <u>turýan</u>
d. düşýän

1. Soňra maşk edýän we _____ ýuwýan.

a. pişigimi
b. el-ýüzümi
c. kitaplarymy
d. naharymy

2. Irden sekize on bäş minut galanda _____ iýýän.

a. kompýuterimi
b. agşam naharymy
c. günortanlyk naharymy
d. ertirlik naharymy

3. Sekizde _____ geýýän.
   a. iş eşiklerimi
   b. çaýymy
   c. gyz doganymyň eşiklerini
   d. maşynymy
4. Dokuzdan on bäş minut işlände işe _____.
   a. gidýän
   b. saga ýöreýän
   c. seredýän
   d. durýan
5. Meň işim _____ dokuzda başlaýa we _____ dörtde gutarýa.
   a. irden / irden
   b. öýlän / öýlän
   c. öýlän / agşam
   d. irden / öýlän
6. Men her gün işden öýe gelip telewizora _____.
   a. barýan
   b. äkelýän
   c. seredýän
   d. gidýän
7. Agşam sagat ýediň ýarynda maşgalam bilen agşamlyk nahar _____.
   a. oýnaýan
   b. iýýän
   c. soraýan
   d. ýazýan

8) Complete the sentences, adding the correct case. (Ýaýyň içinde berlen adam atlaryny degişli düşumlerde üýtgediň.)

Ex: Sen Göwher _____ (Göwher) hakynda pikir edýäňmi?

(Are you thinking about Gowher?)

1. Ol _____ (Jemal) dogany.

   (He is Jemal's older brother.)
2. Men bu kitaby _____ (Berdi) berjek.

   (I will give this book to Berdi.)
3. Biz dükanda _____ (Sona) gördük.

   (We saw Sona at the shop.)
4. Olar agşam _____ (Akmyratlar) nahar iýdiler.

   (They ate at Akmyrat's place in the evening.)

5. Bu köýnegi sen _____ (Akgül) satyn aldyňmy?

   (Did you buy this dress from Akgul?)

9) Answer the questions, using the given translations and omitting the subject. (Berlen terjimelerden peýdalanyp we sözlemleriň eýesini taşlap, soraglara jogap beriň.)

Ex: Gülşat kimiň mugallymy? Meýletinçileriň mugallymy. _____

(Gulshat is whose teacher? (She) is the volunteers' teacher.)

1. Seň kiçi doganyň kime meňzeýä? _____

   (Who does your little sibling resemble? (She) resembles my mother.)

2. Bu gyzykly kitaplary siz kime berjek? _____

   (Who will you give these interesting books to? (I) will give (them) to the students.)

3. Döwlet maşynyny nirede satdy? _____

   (Where did Dowlet sell his car? (He) sold (it) at the bazaar.)

4. Gunça täze köwşüni nireden satyn aldy? _____

   (Where did Guncha buy her new shoes from? (She) bought (them) from the shop.)

5. Sen kimi halaýaň? _____

   (Who do you like? (I) like your older sister.)

6. Batyr kimden gaharjaňrak? (Myrat) _____

   (Batyr is more short-tempered than who? (Batyr) is more short-tempered than Myrat.)

10) Add the correct case endings and genetive suffixes. (Sözleriň soňuna degişli düşüm we ýönkeme goşulmalaryny goşup ýazyň.)

Ex: Biziň____ mugallymymyz__ mekdepde_____ Amanyň_____ dostuna____ top berdi.

(Our teacher gave a ball to Aman's friend at school.)

1. Maýa_____ dogan_____ Aşgabat_____ Tejen_____ dost_____ bilen gider.

   (Maya's older sibling will go from Ashgabat to Tejen with his friend.)

2. Serdar_____ daý_____ oba_____ şäher_____ otlyly geldi.

   (Serdar's uncle came from the village to the city by train.)

3. Parahatçylyk Korpusy_____ meýletinçiler_____ lager_____ Aşgabad_____ uly awtobus bilen geldiler.

   (The Volunteers of Peace Corps came from the camp to Ashgabat with a big bus.)

4. Bu mata_____ eje_____ altynjy gün bazar_____ jigi_____ bilen getirip berdi.

   (My mother bought this material from the bazaar with my younger sibling.)

5. Merdan_____ kaka_____ iş_____ öý_____ maşynly gaýdýa.

(Merdan's father returns home from work by car.)

6. Gözel_____ eje_____ bu köwş_____ Ors bazar_____ satyn aldy.
   (Gozel's mother bought these shoes from the Russian Bazaar.)

11) Choose the correct verb and conjugate with negative present simple tense. (Degişli işligi saýlaň we häzirki zamanyň ýokluk goşulmasy bilen ulanyň.)

Ex: Men gara çay içemok._____ (içmek, diýmek, görmek)

1. Meň ejem şu gün işe _____ (gitmek, okamak, ýazmak)
2. Kakam dükana _____ (soramak, gitmek, ýatmak)
3. Maýa bize _____ (gelmek, çagyrmak, oturmak)
4. Sara aýdym _____ (aýtmak, iýmek, içmek)
5. Jon sapak _____ (okatmak, uçmak, ýüzmek)
6. Kümüş süýjüli suw _____ (içmek, okamak, ýazmak)
7. Wegeterýanlar et _____ (iýmek, içmek, aýtmak)

12) Match the questions to their answers. (Sorag sözlemleri jogaplary bilen birikdiriň.)

Siziň adyňyz näme?	Ýok, sag bol. Men doýdum.
Çäýnek nirede?	Meň adym Jon.
Parahatçylyk Korpusy näme?	Altydan on minut işleýä.
Maňa kömekleşjekmi?	Bäşe ýigrimi minut galanda.
Nahar guýup bereýinmi?	Diňe gara reňklisi bar.
Kim soňky?	Bagyşlaň, wagtym ýok.
Sagat näçe?	Stoluň üstünde.
Haçan?	Ol Amerikanyň döwlet guramasy.
Başga reňki barmy?	Menden soň bir gyz bar.

13) Give your own answers to the questions. (Soraglara öz jogabyňyzy beriň.)

Ex: Jeren näme üçin gelmedi? Sebäbi ol ýaranok._____

1. Sen näme üçin gijä galdyň? _____
2. Sen Teke bazara näme üçin gitdiň? _____
3. Myrat bu gün näme ücin ir ýatdy? _____
4. Ýazgül Poçta näme üçin gitdi? _____
5. Sen näme üçin nahar iýmediň? _____
6. Aşyr şu gün näme üçin giç turdy? _____

14) Complete the sentences by making up reasons on your own. (Sebäbini görkezip, sözlemleri dowam ediň.)

Ex: Men saňa ertir jaň ederin, sebäbi şu gün meň işim köp.

1. Men daýzamlarda bir gije ýatdym, sebäbi _____
2. Sen şu gün bize gelme, sebäbi _____
3. Ol düýn kitaphana barmady, sebäbi _____
4. Biz ol owadan gyzy görmedik, sebäbi _____
5. Siz Mara awtobusly gidersiňiz, sebäbi _____
6. Olar bu ýyl Arçmanda dynç alar, sebäbi _____

15) Write sentences about yourself or people you know, using the time word given in parentheses. (Ýaýyň içinde berlen sözleri ulanyp, özüňiz ýa-da tanşyňyz barada sözlem düzüň.)

Ex: (köplenç) Men köplenç işden soň bir sagat dynç alýaryn.

1. (hemişe) _____
2. (käwagt) _____
3. (günde) _____
4. (her gün) _____
5. (günaşa) _____
6. (hiç haçan) _____

16) Form questions. (Sorag sözlemlerini düzüň.)

Ex: Meň kakam ejemden uzynrak.

(Who?) Kim ejemden uzynrak?

(From who?) Meň kakam kimden uzynrak?

1. Doganym ertir Londona gider.

   (When?) _____

   (To where?) _____
2. Biz teke bazara gitsek, satyn alarys.

   (To where?) _____

   (What will we do?) _____
3. Olaň her gün restorana gidesi gelýä.

   (To where?) _____

   (What do they want to do?) _____

4. Sen altynjy gün meşhur aktýorlar bilen duşuşarsyň.
   (With who?) _____
   (What kind of actors?) _____
5. Men dükana şokolat satyn almaga gitjek.
   (To where?) _____
   (Why will you go?) _____
6. Jemalyň gyz dogany Amerikadan ertir gelýä.
   (Whose?) _____
   (From where?) _____
7. Sähra gyzyna iňlisçe iki kitap satyn alyp berdi.
   (How many?) _____
   (For who?) _____
8. Geljek hepde alty meýletinçi Mara gezelenje gitjek.
   (When?) _____
   (How many?) _____

17) Answer the questions, using the given negative absolutes. (Berlen ýokluk çalyşmalary ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Siz şu gün mugallymdan näme soradyňyz? (hiç zat)
Biz mugallymdan hiç zat soramadyk.

1. Sen nähili çilim çekmegi halaýaň? (hiç hili)
   _____
2. Men kim bilen sögüşmeli? (hiç kim)
   _____
3. Biz haçan işimizi gutararys? (hiç haçan)
   _____
4. Olaň haýsysy seň doganyň? (hiç haýsy)
   _____
5. Ol şu hepde nirä gider? (hiç ýere)
   _____
6. Haýsy kitap gyzykly? (hiç biri)
   _____

18) Change the verbs from the future definite to the future indefinite tense. (Mälim geljek zamanyň goşulmalaryny nämälim geljek zamanyň goşulmalary bilen çalşyň.)

Ex: Men ertir mekdebe gitjek.

Men ertir mekdebe giderin. _____

1. Siz şu ýyl türkmençe öwrenjek.

   _____

2. Ol uzyn boýly oglan boljak.

   _____

3. Olar her hepde maşgalasyna hat ýazjak.

   _____

4. Sen okasaň, öwrenjek.

   _____

5. Eger ejeme jaň etsem, täzelikleri aýtjak.

   _____

6. Biz şu hepde kitaphana gitjek däl.

   _____

19) Use the verb provided and change it into the conditional form. Then complete the sentence with your own ideas. (Berlen işliklerden degişli şert formasyny ýasaň we sözlemleri öz pikiriňiz bilen dowam ediň.)

Ex: Men şu ýyl iňlis dilini öwrensem ___ (öwrenmek), maşgalam bilen Londona gitjek.

1. Ol oglan meni restorana _____ (çagyrmak),

   _____

2. Dostlarym doglan günüme _____ (gelmek, negative),

   _____

3. Sen maňa mekdepde _____ (garaşmak),

   _____

4. Men bazardan köýneklik mata _____ (tapmak, negative),

   _____

5. Eger men irden köp _____ (ýatmak),

   _____

6. Uçar wagtynda _____ (uçmak, negative),

   _____

20) Unscramble the sentences. (Sözlemi tertipleşdiriň.)

Ex: Tejene / gideli / marşrutkaly / biz

Biz Tejene marşhrutkaly gideli.

1. gitdi / Amerika / Zöhre / agşam / geçen

_____

2. Jon / okady / Çülide / şu / bäş / gün / ýyl

_____

3. jorasy / Gökdepä / geljek / Maralyň / hepde / barar

_____

4. palowy / tagamly / bişirýä / örän / Sähra

_____

5. Tomuň / Daşoguzdan / köp / ýazdy / hat / dosty

_____

6. häzir / merkezinde / ýaşaýa / Aşgabadyň / Täçmyrat

_____

7. siziň / naharda / näme / gelýä / günortanlyk / iýesiňiz / ?

_____

21) Unscramble the dialogues. (Dialogy tertipleşdiriň.)

Ex: c, a, f, d, e, c

a. Salam. Hawa, garaşýan.
b. Sag bol, sag-aman bar.
c. Salam, Aşgabadyň awtobusyna garaşýaňyzmy?
d. Awtobus iki müňden, marşrutkalar bäşden, taksiler on ýa-da on bäş.
e. Şeýlemi?! Men onda marşrutkaly gitjek. Sag boluň!
f. Ulaglaryň bahasy näçe, bilýäňizmi?

1. _____

a. Salam!
b. Bolýa, sag bol!
c. Salam! Gowumy?
d. Gül ýaly. Nirä gidip barýaň?
e. Erbet däl. Nähili özüň?
f. Şeýlemi? Okuw barmy?
g. Mekdebe.
h. Hawa, bar.

2. _____

a. Bar öýdýän.
b. Çagyraý.

c. Salam. Bagyşlaň, Mähri barmyka?
d. Allo, salam.
e. Bir minut garaşyň.

3. _____

a. Şeýlemi, kim ol?
b. Amerikan!!! Ol näçe ýaşynda? Gyzmy ýa-da oglan?
c. Bolýa eje, men gitdim. Sagat ýedide Jenifer bilen gelerin.
d. Oň ady Jenifer. O şu agşam sagat ýedide gelýä. Eje sen näme bişirjek?
e. Ol ýigrimi dört ýaşly, durmuşa çykmadyk gyz. Men ony myhmançylyga çagyrdym.
f. Eje, şu gün biziň mekdebimize täze işgär geldi.
g. Manty hem-de palow bişirerin.
h. Örän gowy. Ol haçan gelýä? Oň ady näme?
i. Ol amerikan, meýletinçi. Okuwçylara iňlis dilini öwretmäge geldi.

4. _____

a. Kömelekli.
b. Bolýa baş üstüne.
c. Iki stakan Kola.
d. Siz näme içýäňiz? Kola, Sprait, Fanta?
e. Mm-m-m. Bize bir tarelka Oliwýe salat bilen iki pissa getiräýiň.
f. Salam. Men sizi diňleýän, näme hyzmat?
g. Nähili pissa?

22) Translate. (Terjime ediň.)

Ex: Biz geçen Ruhnama aýynda Türkmenistana uçarly geldik.

(We came to Turkmenistan by plane last September.)

1. _____

(40 new Peace Corps Volunteers came from America.)

2. _____

(We had to live in Chuli for one week.)

3. _____

(We came to Turkmenistan to teach.)

4. _____

(I work in a House of Health every day.)

5. _____

(Is it okay if I smoke here?)

6. _____

(I want to be able to speak Turkmen well.)

7. _____

(I want to read, but I don't have time.)

8. _____

(If I live with a Turkmen family, I might go to many parties.)

9. _____

(I forgot to iron my shirt last night.)

10. _____

(I should have written a letter to my older sister.)

11. _____

(The weather in Turkmenistan is hotter than in America.)

12. _____

(What do I need in order to cook palow?)

13. _____

(I think you need rice, carrots, onions, and meat.)

14. _____

(Let's go to the bazaar to buy eggs.)

15. _____

(Mahri is wearing a beautiful blue dress today.)

16. _____

_____

(I started working at 8:30 and will finish working at 6:15.)

23) Find and correct the mistakes in the sentences. (Sözlemlerdäki ýalňyşlary tapyň we düzediň.)

Ex: Biz gitdik Daşoguza. Biz Daşoguza gitdik. _____

1. Ol mugallym ýok. _____
2. Olar bilemok. _____
3. Okuwçylar teatra gitdik. _____
4. Meň kitabymlar bar. _____
5. Saňa näme gerekmi? _____
6. Sižiň üç çagalaryňyz barmy? _____
7. Men çagalar halaýan. _____
8. Olar okamak halaýa. _____
9. Serdar ertir Gökjede gitmeli. _____
10. Maňa hiç zat gerek. _____

11. Biz Göwher öýüne gitjek. _____
12. Şirin geler haçan? _____
13. Men sen bilen oýnamalymy? _____
14. Men çaý içesim gelýä. _____
15. Eger men gijä galýan, ejem käýär. _____
16. Sen nire gidip barýaň? _____
17. Näme reňki halaýaňyz? _____
18. Biz direktor soraly. _____
19. Biz gitsemiz, ol begener. _____
20. Çaga ir ýatsa, ir turdy. _____
21. Mekan günde üç wagt çay içýä. _____
22. Biz hassahana gitmeli boldyk. _____
23. Men sen üçin garaşmalymy? _____
24. Nahar guýyp bereýinmi? _____

Vocabulary (Täze sözler)

Işlikler	Verbs
bezenmek	to dress well
dolmak	to be full / to be fulfilled (a contract)
duşuşmak	to meet
meňzemek	to resemble
taýýar bolmak	to be ready
taýýarlamak / taýýar etmek	to make ready / to prepare

Atlar	Nouns
boý	height / stature
duşuşyk	date
köýneklik mata	fabric for one dress
meňzeş	alike
ogry	thief
saç	hair
tanyş	acquaintence

Daş keşp	Personal Appearance
akýagyz / ak ýüzli	pale-complexioned
betnyşan	ugly
burum-burum / küdür	curly
burunlak	big-nosed
çaşy	cross-eyed
garaýagyz	dark-complexioned
garry	old
gür	thick (hair)
gysga	short
hor	slim / thin (physique)
ince	thin / fine (when describing long objects like hair, or intricate, detailed objects like art)
saryýagyz	fair-complexioned
syratly	well-built / shapely (physique)
tegelek	round
uzyn	long / tall
uzyn / orta / gysga boýly	tall- / medium- / short-statured
ýaş	young
ýogyn	thick

Häsiýet	Personality
açyk göwünli	considerate / open-hearted
akmak	stupid
akylly	smart / well-behaved
alçak	friendly / sociable
bagtly	happy / lucky

bagtsyz / betbagt	unlucky
batyr	brave
dogruçyl	honest
domma	quiet / reserved
doňýürek	coldhearted
eli açyk	generous
gaharjaň	short-tempered
garagol/bet	naughty
garasöýmez	antisocial / solitary
gorkak	timid / cowardly
gödek	mean / rude
göwniçökgün	morose
gysganç	stingy
işeňňir	hardworking
myhmansöýer	hospitable
mylaýym	kind / affectionate
sabyrly	patient
sabyrsyz	impatient
samsyk	stupid
sypaýy	courteous / eloquent
şadyýan	cheerful
tertipli	well-behaved
utançsyz	shameless
utanjaň	shy / introverted
ýalançy	liar
ýalta	lazy
ýuka ýürek	good-natured

Umumy	**Miscellaneous**
birnäçe	several / a few

Frazalar	**Phrases**
Edil özi.	Exactly. / That's the one.
Ol size meňzeş.	She looks like you.
Bir almany iki bölen ýaly.	Like two peas in a pod. (Literally, like two pieces from one apple.)

Unit 12:
Parties *(Toýlar)*
Toasts *(Tostlar)*

Competencies:

- Learning about different Turkmen celebrations
- Congratulating people on special occasions
- Making toasts

Grammar:

- Attention-getter: “bara”
- Removing vowels when adding suffixes
- Informal future tense: “-jak/-jek bolmak”
- Third person imperatives: “-syn/-sin”
- Reflexive verbs: “-yn/-in/-n/-un/-ün”
- Quoted speech
- Present continuous tense: “oturmak/ýatmak/durmak/ýöremek”
- Actions in the immediate future
- Encouraging commands: “-yberiň/-iberiň/-beriň”

Dialogue 1: Welcome

Maral:	Jon, Şatlygyň maşgalasy bara…	*Jon, you know Shatlyk's family…*
Jon:	Kim Şatlyk? Meň-ä* ýadyma düşenok.	*Which Şatlyk? I don't remember.*
Maral:	Mekdebiň ýanynda Şatlyklar bara!	*You know, Shatlyk's place near the school.*
Jon:	Hää, garawul Çary agaň oglumy?	*Ahh, you mean the guard, Brother Chary's son?*
Maral:	Hawa, edil özi. Şolar geçen hepde täze jaýa göçdüler, ertirem toý edýäler. Olar geçen hepde seni çagyrjak boldular, we menden telefon nomeriňi soradylar.	*Yes, that's the one. They moved to a new house last week, and tomorrow they're also having a party. They were going to call you last week, and they asked me for your telephone number.*
Jon:	Hawa, olar maňa jaň etdi. Sen gitjekmi?	*Yes, they called me. Will you go?*
Maral:	Hawa, nesip bolsa.	*Yes, God willing.*
Jon:	Ertir işden soň bize geläý, bile gideli.	*Tomorrow after work, come to our place. Let's go together.*
Maral:	Bolýa, ertire çenli sag bol!	*Okay, until tomorrow, bye!*
Jon:	Sag bol!	*Bye!*
	Ertesi gün toýda…	***The next day, at the party…***
Maral:	Salam Çary aga, täze jaýyňyz gutly bolsun! Ýurt garşy alsyn!	*Hi, Uncle Chary, congratulations on your new house! "May your house be welcoming."*
Çary:	Hawa, şeýle bolsun.	*Yes, let it be so.*
Jon:	Tüweleme, Şatlyk gowy jaý salnypdyr, nesip etsin!	*Great, Shatlyk built himself a good house. May it last.*
Çary:	Hawa, aýdanyňyz gelsin.	*Yes, may the things you said come to pass.*

* "**-a/-ä**" is sometimes added to words in colloquial speech for various reasons. Generally, the meaning remains the same, and so it can be safely ignored.

Attention-getter: "Bara"

"**Bara**" is a common utterance with no precise translation. It is usually used as an introduction into a topic, or to direct the listener's attention to a particular point, somewhat like "you know," or "hey," in English. Sometimes it is simply used as a space-filler, similar to "like."

Ol täze goňşymyzyň ogly **bara**, öýlenen öýdýän	*(You know our new neighbor's son? I think he's married.)*
Maşynym **bara**, döwlüpdir.	*(You know my car? It broke down.)*

1) Translate the sentences, using "bara." ("Bara" sözüni ulanyp, sözlemleri terjime ediň.)

Ex: Mähri bara, Myradyň dogany.

(You know Mahri? She's Myrat's sister.)

1. _____

(You know that girl? I like her.)

2. _____

(You know the Teke bazaar? Today it's closed.)

3. _____

(You know Aman? He's going to America tomorrow.)

4. _____

(You know Peace Corps? There is a conference there today.)

5. _____

(You know my students? Last week they brought me a present.)

6. _____

(You know Ashyr? He bought a new car.)

Removing vowels

When endings that begin with vowels (e.g. accusative and genetive cases) are added to words, the last vowel of certain words is removed. The rule works as follows:

1. The root word must be only two syllables.
2. The vowels in the word must be short, not long.
3. The last letter of the root word must be one of the following consonants: **l**, **n**, **r**, **s**, **ş**, **z**.
4. The second-to-last letter (in the root) must be one of the following vowels: **i**, **u**, **ü**, **y**.
5. The third-to-last letter must be one of the following consonants: **b**, **g**, **l**, **j**, **ž**, **m**, **n**, **ň**, **r**, **w**, **ý**.
6. The fourth-to-last letter (usually the last letter of the first syllable) is a vowel: **a**, **e**, **ä**, **i**, **o**, **ö**, **u**, **ü**, **y**.

If all these conditions are met, the last vowel of the root word (**i**, **u**, **ü**, or **y**) is dropped when endings that begin with vowels are added. This occurs when adding third person possessive suffixes, the possessive and accusative case ending, and with imperative forms. Some examples:

ýagyş – **ýagşyň**	*(rain – rain's)*
goýun – **goýna**	*(sheep – to the sheep)*
gawun – **gawuny** (because the '**a:**' is long)	*(melon – the melon)*
hasyl – **hasylyň** (because third letter is '**s**')	*(harvest – harvest's)*
Ýagmyr – **Ýagmyra** (because of the'**g**')	*(Yagmyr – to Yagmyr)*

The rule also applies when conjugating verbs; the "root" word is then the verb minus the "**-mak/-mek**" suffix.

döwülmek – **döwlüpdir**	*(to be broken – was broken)*

Note that a few words, such as "**pasyl**," "**asyl**," "**nesil**,"and "**ylym**," violate one or more of the above rules, but they nonetheless lose their final vowels when the appropriate endings are added.

asyl – **aslym**	*(origin – my origin)*

2) Add the genetive case to the words, removing vowels when necessary. (Berlen sözleriň yzyna eýelik düşüm goşulmasyny goşup gerekli ýerinde dar çekimlileri düşüriň.)

Ex: (gelin) Gelniň _____ *(bride's)*

1. (burun) _____ *(nose's)*
2. (pasyl) _____ *(season's)*
3. (Kümüş) _____ *(Kumush's)*
4. (Şöhrat) _____ *(Shohrat's)*
5. (gyzyl) _____ *(gold's)*

6. (oýun) _____ *(game's)*
7. (nagyş) _____ *(pattern's)*
8. (suw) _____ *(water's)*

3) Complete the sentences, omitting vowels when necessary. (Berlen sözleriň yzyna düşüm goşulmasyny goşup doly we dogry ýazyň.)

Ex: Men sygryň_____ süýdüni halaýan. (sygyr)

(I like cow's milk.)

1. _____ täze köýnegi bar. (gelin)

   (The bride has a new dress.)
2. Goňşymyzyň _____ ekzamenden geçdi. (ogul)

   (Our neighbor's son passed the exam.)
3. Bu _____ bahasy näçe? (köwüş)

   (What is the price of these shoes?)
4. Çary Hazar _____ kenarynda ýaşaýa. (deňiz)

   (Chary lives on the coast of the Caspian Sea.)
5. Käbir meýletinçiler _____ ikinji aýynda lagerde işleýäler. (tomus)

   (Some volunteers are working at camp in the second month of summer.)
6. Düýn _____ gyzy durmuşa çykypdyr. (Kümüş)

   (Kumush's daughter got married yesterday.)

Informal future tense

In addition to the definite and indefinite future tenses, Turkmens also use an informal construction that is similar to "going to" in English. Generally, it is used to express intention or a prior plan. The definite future ending "**-jak/-jek**" is added to the verb, and then "**bolmak**" is used as a helper verb and conjugated in the present tense.

Men **gitjek bolýan**.	*(I'm going to go.)*
Olar tans **etjek bolýa**.	*(They're going to dance.)*

4) Answer the questions, adding "-jak/-jek bolmak" to the verb given. (Berlen sözleri "-jak /-jek bolmak" bilen ulanyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Sen näme etjek bolýaň? (toýa gitmek)

Men toýa gitjek bolýan.

(What're you going to do? I'm going to go to a party.)

1. Sen näme etjek bolýaň? (tost aýtmak)

   _____

   (What're you going to do? I'm going to make a toast.)

2. Siz näme etjek bolýaňyz? (toý tutmak)

   _____

   (What're you going to do? We're going to throw a party.)

3. Kerim näme etjek bolýa? (dutar çalmak)

   _____

   (What's Kerim going to do? He's going to play the dutar.)

4. Jahan näme etjek bolýa? (jorasyna gül gowşurmak)

   _____

   (What's Jahan going to do? She's going to present flowers to her friend.)

5. Kemal näme etjek bolýa? (myhmanlary garşy almak)

   _____

   (What's Kemal going to do? He's going to greet the guests.)

6. Tamada näme etjek bolýa? (ýaşlary gutlamak)

   _____

   (What's the emcee going to do? He's going to congratulate the wedding couple.)

Third person imperatives

The third person imperative ending "**-syn/-sin/-sun**" conveys a meaning similar to English use of "Let him/her/it" or "May he/she/it." "**Goý**" sometimes precedes such statements, but is used only in formal situations, such as in literature or when toasting.

Myrat **gelsin**.	*(Let Myrat come.)*
Myhman **girsin**.	*(Let the guest enter.)*

For plural forms, use "**-synlar/-sinler**." As usual, the plural suffix "**-lar/-ler**" can be omitted if the subject itself implies plurality.

Olar süýji **iýsinler**.	*(Let them eat candy.)*
Olar çaý **içsin**.	*(Let them drink tea.)*

To negate, simply add "**-ma/-me**" after the verb stem.

Jaň et**me**sin.	*(Don't let her call.)*
Oýna**ma**synlar.	*(Don't let them play.)*

5) Complete the toasts, putting the given verb into the third person imperative form. (Berlen sözleri işligiň buýruk şekilinde ýazyp, tostlary dowam ediň.)

Ex: Nesip etsin! _____ (etmek)

(May it last!)

1. Aýdanyň _____ (gelmek)

   (May your words come to pass.)

2. Toýuňyz gutly_____ (bolmak)

   (Congratulations on your party!)

3. Ýaşyň uzyn _____ (bolmak)

   (May you live long!)

4. Gelniň aýagy _____ (düşmek)

   (May your daughter-in-law be accepted into your family!)

5. Gullugyny sag-aman _____ (tamamlamak)

   (May he complete his (military) service safely!)

6. Bagtly, agzybir _____ (ýaşamak)

   (May your life be lucky and harmonious!)

7. Dünýäde parahatçylyk _____ (bolmak)

   (Let there be peace in the world!)

8. Ekzamenden sag-aman _____ (geçmek)
   (May she pass the exam (safely)!)

6) Complete the sentences, putting the given verb into the negative third person imperative form. (Berlen işliklere üçünji ýönklemäniň ýokluk goşulmasyny buýruk formada ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Ýamanlyk ýüzüni görmesin. _____ (görmek)
(May they never face troubles.)

1. Uruş _____ (bolmak)
   (Let there be no war!)
2. Maşynyň hiç wagt _____ (döwülmek)
   (May your car never break down!)
3. Selbi hiç haçan _____ (kesellemek)
   (May Selbi never be ill!)
4. Çary çagalara _____ (gygyrmak)
   (Don't let Chary shout at the children.)
5. Maşynlar köçämizden _____ (geçmek)
   (Don't let cars pass our road.)
6. Jahan işden boş, ertir işe _____ (gelmek)
   (Jahan is fired from work; don't let her come to work tomorrow.)
7. Okuwçylar sapakda _____ (uklamak)
   (Don't let the students sleep in class.)

Reflexive verbs "-yn/-in/-n/-un/-ün"

Turkmen has a suffix which can be added to most verbs to indicate that the action was done for the benefit of the actor, similar to the manner in which English speakers use "myself/herself/oneself/…" In Turkmen, the suffix "**-yn/-in/-n/-un/-ün**" is added to the verb stem.

Men maşyny ýuwdum.	*(I washed the car.)*
Men ýuw**un**dym.	*(I washed myself.)*
Ol nahar bişirdi.	*(He cooked.)*
Ol nahar bişir**in**di.	*(He cooked for himself.)*

7) Rewrite the sentences, replacing "özi uçin" with the given reflexive verb. (Berlen özlük derejedäki işlikleri "özi üçin" sözüniň deregine ulanyp, sözlemleri başgaça ýazyň.)

Ex: Ol özi üçin maşyn satyn aldy. (satyn alynmak)

Ol maşyn satyn alyndy. _____

(He bought himself a car.)

1. Men düýn özüm üçin nahar getirdim. (getirinmek)

_____

(I brought myself food yesterday.)

2. Şatlyk özi üçin garaž we hammam saldy. (salynmak)

_____

(Shatlyk built himself a garage and bathroom.)

3. Sen özüň üçin çaý guýduňmy? (guýunmak)

_____

(Did you pour yourself tea?)

4. Maýsa irden özi üçin süýtli tüwi bişirdi. (bişirinmek)

_____

(Maysa cooked herself rice with milk this morning.)

5. Biz özümiz üçin gök çaý demledik. (demlenmek)

_____

(We made ourselves green tea.)

6. Sähra özi üçin owadan köýnek tikdi. (tikinmek)

_____

(Sahra sewed herself a beautiful dress.)

7. Çemen bilen Jahan bankda özi üçin hasabat açdy. (açynmak)

_____

(Chemen and Jahan opened themselves an account at the bank.)

8) Complete the sentences, making the given verbs reflexive. (Berlen işlikleri işligiň özlük derejesinde ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Kakam günde hammamda ýuwunýa _____ (ýuwmak)

(My father washes himself in the bathhouse every day.)

1. Şemşat sagat 13:30-da günortanlyk nahar _____ (etmek)

(Shemshat made herself lunch at 1:30.)

2. Baýram her gün 8:00-da _____ (geýmek)
   (Bayram dresses himself each day at 8:00.)
3. Mämmet düýn bazardan köýnek satyn _____ (almak)
   (Mammet bought himself a shirt from the bazaar yesterday.)
4. Men institutdan soň nahar _____ (bişirmek)
   (After (returning from) the institute, I cooked for myself.)
5. Merjen Sarahsdan owadan ýaglyk _____ (getirmek)
   (Merjen brought herself a beautiful scarf from Sarahs.)
6. Olar täze jaýy üçin _____ (toý tutmak)
   (They threw themselves a party for their new house.)

Dialogue 2: At the party

Maral:	Toýuňyz gutly bolsun!	*Congratulations on your party!*
Jeren:	Sag boluň! Taňryýalkasyn!	*Thank you! Thank you!*
Maral:	Haýsy doganyň öýlenýä?	*Which of your siblings is getting married?*
Jeren:	Ikinji agam Döwran öýlenýä.	*My second older brother Dowran is getting married.*
Maral:	Ejeň-kakaň hany?*	*Where are your parents?*
Jeren:	Ejem öýde daýzalar bilen otyr, kakam bolsa myhmanlary garşylap ýör. Geliň-de geçiberiň. Toý başlanjak bolup dur.	*My mother is sitting with the elder women at home, and my father is greeting the guests. Don't be shy, come in. The party is about to begin.*
Maral:	Köp myhman çagyrdyňyzmy?	*Did you invite many guests?*
Jeren:	Hawa. Esasan dost-ýarlar, garyndaşlar we tanyşlar gelmeli.	*Yes. Mainly friends, relatives, and acquaintances are supposed to come.*
Maral:	Saňa Toýly hem salam aýtdy. "Meň adymdan gutlaň!" diýdi.	*Toyly also said hello to you. He said, "Congratulate them in my name!"*
Jeren:	Ol näme üçin gelmedi?	*Why didn't he come?*
Maral:	Geljekdi, emma häzir oň ejesi syrkaw ýatyr.	*He was going to come, but now his mother is sleeping from an illness.*
Jeren:	Wah-eý. Oňa salam aýdyň. Arkaýyn oturyň-da, bar zatlardan iýip-içiň!	*Oh no! Please say hello to him. Don't be shy, please sit, and also eat and drink from everything here.*

* "**Hany?**" is a colloquial expression for "where?" that is often used in short, informal questions. The answer is often "**hana**" or "**ine**," meaning "there" or "here," respectively.

Direct, quoted speech

The ordering of words in Turkmen sentences makes direct quoting somewhat nonintuitive

Ol size: "Basym geliň!" **diýdi**. *(He said to you, "Come quickly!")*
Men size: "Gitmaň!" **diýýän**. *(I said to you, "Don't go!")*

Compound verb structure is also sometimes used to illustrate a certain kind of speech:

Ol menden: "Haçan gideli?" **diýip sorady**. *(He asked me, "When shall we go?")*
Biz: "Ýuwaş bol!" **diýip gygyrdyk**. *(We yelled, "Be quiet!")*

9) Complete the sentences, using "diýmek." ("Diýmek" sözüni ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Mugallym size: "Ertir ir geliň" diýdi.

(The teacher said to you, "Come early tomorrow.")

1. Tamada maňa: _____

   (The emcee said to me, "Say a toast.")

2. Biz saňa: _____

   (We said to you, "Come home at 10.")

3. Gülşat bize: _____

   (Gulshat said to us, "I can make the tea myself.")

4. Sen oňa: _____

   (You said to her, "I won't be late.")

5. Maýsa joralaryna: _____

   (Maysa said to her friends, "I will go to Turkmenbashy for five days.")

6. Men doganyma: _____

   _____

   (I said to my brother, "If I go to the party, I won't be able to watch the movie.")

10) Complete the sentences, using the given verbs with "diýip." (Berlen işlikleri "diýip" sözi bilen ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: (soramak) Ol menden: "Biz haçan toýa gitmeli?" diýip sorady.

(He asked me, "When should we go to the party?")

1. (gygyrmak) _____

   (The emcee shouted, "Let's dance!")

2. (çagyrmak) _____

   (Jeren called, "Come here!"

3. (aýtmak) _____

   (My neighbor told me, "Come to my house tomorrow at 9.")

4. (hat ýazmak) _____

   (Sara wrote from America, "I will come to Turkmenistan next month.")

5. (soramak) _____

   (Merjen asked me, "Which food do you like?")

6. (aglamak) _____

   (The child cried, "I miss (want to see) my mother!")

Informal past action, short form

The past tense form of "**-jak/-jek bolmak**" is not used; instead, "**bolmak**" is omitted and the appropriate past tense ending is added directly after "**-jak/-jek.**" Meaning is similar to "was going to" in English; it implies that the action was intended but not actually completed.

Men **gitjekdim**.	*(I was going to go.)*
Olar **tans etjekdiler**.	*(They were going to dance.)*

For the negative form, "**däl**" is inserted after "**-jak/-jek**," and the past tense ending is added to "**däl**." It is similar in meaning to the logical English equivalent "wasn't going to," and implies that there was no original intention, but that the given action was performed after all.

Biz tost **aýtjak däldik**.	*(We weren't going to give a toast.)*

11) Complete the sentences, using "-jak/-jek" with the appropriate past tense ending and the verbs given. (Berlen işlikleri "-jak/-jek" goşulmalary bilen ulanyp, işligiň öten zaman şekilinde ýazyň.)

Ex: (gitmek) Düyn konserte gitjekdim _____, ýöne bilet tapmadym.

(I was going to go to the concert yesterday, but I couldn't find my ticket.)

1. (salam aýtmak) _____, ýöne ol şu gün işe gelmedi.

   (I was going to say hello to Jeren, but she didn't come to work today.)

2. (göçmek) _____, ýöne salyp gutarmadylar.

   (We were going to move to the new house, but they didn't finish building it.)

3. (garşy almak) _____, emma olar gelmedi.

   (I was going to greet the guests, but they didn't come.)

4. (salmak) _____, ýöne ussa tapmady.
   (They were going to build a house, but they couldn't find a craftsman.)
5. (uklamak) _____, emma işläp gutarmadyk.
   (We were going to sleep early, but we didn't finish working.)
6. (gowşurmak) _____, emma gowy gül tapmadym.
   (I was going to present flowers, but I couldn't find good flowers.)
7. (öýlenmek) _____, emma söýgülim bilen sögüşdim.
   (I was going to get married, but I had an argument with my girlfriend.)

12) Complete the sentences, using "-jak/-jek däl" with the appropriate negative past tense ending. (Işliklere "-jak/-jek däl" goşulmalary goşup, öten zaman işliginiň ýokluk şekilinde gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Men bazara gitjek däldim_____, ýöne ejem gitmegimi haýyş etdi.
(I wasn't going to go to the bazaar, but my mother requested my going.)

1. _____, ýöne dostuny göresi gelýä.
   (She wasn't going to call to America, but she misses her friend.)
2. _____, emma toý başlandy.
   (We weren't going to enter the restaurant, but the party was started.)
3. _____, emma direktor gelmegini sorady.
   (Oraz wasn't going to come to Ashgabat, but the director asked him to go.)
4. _____, emma kelläm gaty agyrdy.
   (I wasn't going to take the medicine, but I had a bad headache.)
5. _____, ýöne gezelenje gitmek üçin ir turduk.
   (We weren't going to get up early, but we got up early in order to go for a walk.)
6. _____, ýöne dostlarym haýyş etdi.
   (I wasn't going to play the dutar, but my friends requested.)
7. _____, ýöne doganym öýlendi.
   (I wasn't going to go to Ashgabat, but my brother got married.)

Present continuous tense

Although Turkmens often use the simple present tense to express continuous action, there is also a structure for explicitly stating that something is continuous. Four special verbs are conjugated specially for this purpose.

	oturmak *(to sit)*	**ýatmak** *(to lie down)*	**durmak** *(to stand)*	**ýöremek** *(to go)*
Men	otyr**yn**	ýatyr**yn**	dur**un**	ýör**ün**
Sen	otyr**syň**	ýatyr**syň**	dur**suň**	ýör**süň**
Ol	otyr	ýatyr	dur	ýör
Biz	otyr**ys**	ýatyr**ys**	dur**us**	ýö**rüs**
Siz	otyr**syňyz**	ýatyr**syňyz**	dur**suňyz**	ýör**süňiz**
Olar	otyr**lar**	ýatyr**lar**	dur**lar**	ýör**ler**

Each of these special verbs is similar to four regular "**-mak/-mek**" verbs,

Men **otyryn**. *(I am sitting.)*
Ol **ýatyr**. *(She is lying down.)*
Biz **durus**. *(We are standing.)*

The double verb structure "**-yp/-ip/-p/-up/-üp**" can also be used with the four verbs to imply continuous action in general. When used with compound verb construction, the choice of which of the above verbs to use depends on the physical state of the subject.

Men **okap otyryn**. *(I am reading (while sitting).)*
Ol **okap ýatyr**. *(She is reading (while lying down).)*
Biz **bişirip durus**. *(We are cooking (while standing).)*
Sen **oýnap ýörsüň**. *(You are playing (while moving).)*

The continuous verb "**ýör**" is different in that it is usually not used singly, but in a compound structure with its related verb "**ýöremek**."

Sen **gezip ýörsüňmi**? *(Are you going?)*

Sometimes, the chosen continuous-tense verb is irrelevant, however, and the structure is used only to stress the continuous nature of the action. The frequency with which the above structure is used (as opposed to the present simple tense), and the choice of which of the above continuous verbs to use with which situation, also varies depending on local dialects.

The past tense is also possible with the above verbs. The simple past tense suffixes are simply used in place of the irregular endings listed above.

	oturmak *(to sit)*	**ýatmak** *(to lie down)*	**durmak** *(to stand)*	**ýöremek** *(to go)*
Men	otyr**dym**	ýatyr**dym**	dur**dum**	ýör**düm**
Sen	otyr**dyň**	ýatyr**dyň**	dur**duň**	ýör**düň**
Ol	otyr**dy**	ýatyr**dy**	dur**dy**	ýör**di**
Biz	otyr**dyk**	ýatyr**dyk**	dur**duk**	ýör**dük**
Siz	otyr**dyňyz**	ýatyr**dyňyz**	dur**duňy**z	ýör**düňiz**
Olar	otyr**dylar**	ýatyr**dylar**	dur**dylar**	ýör**düler**

In Turkmen, the continuous tense is not used to speak about the future. Likewise, there is no negative equivalent; the negative simple present can be used instead.

13) Complete the sentences, using "otyr/dur/ýatyr/ýör" and the appropriate conjugation. ("Otyr/dur/ýatyr/ýör" sözleri ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Men otyryn. _____ *(I am sitting.)*

1. Sen _____ *(You are sitting.)*
2. Biz _____ *(We are sitting.)*
3. Ol _____ *(She is standing.)*
4. Olar _____ *(They are sleeping.)*
5. Siz _____ *(You are standing.)*
6. Jeren _____ *(Jeren is sleeping.)*
7. Men _____ *(I am going.)*
8. Tom we Maral _____ *(Tom and Maral are going.)*

14) Complete the sentences, using the continuous tense in conjunction with positional descriptors. (Berlen orun görkezýän sözler bilen dowamly häzirki zamany ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Kitap şkafyň içinde dur. _____ (şkaf, iç, durmak)

(The book is inside the wardrobe.)

1. Telewizor _____ (kompýuter, ýany, durmak)

   (The tv is near the computer.)

2. Gurban _____ (Ýimpaş, daş, oturmak)

   (Gurban is sitting outside the Yimpash.)

3. Toýly _____ (garnitur, gapdal, ýatmak)
   (Toyly is lying beside the furniture.)
4. Maşyn _____ (jaý, öň, durmak)
   (The car is front of the house.)
5. Güjük _____ (agaç, aşak, ýatmak)
   (The puppy is lying under the tree.)
6. Kakam _____ (keçe, üsti, oturmak)
   (My father is sitting on top of the felt rug.)

15) Complete the sentences, using "-yp/-ip/-p/-up/-üp and continuous verbs. (Dowamly häzirki zamany işlikler bilen "-yp,-ip,-up,-üp,-p" goşulmalary we "otyr/dur/ýatyr/ýör" sözleri ulanyp, gönükmäni ýerine ýetiriň.)

Ex: Ol kino görüp otyr. _____
(He is watching a movie (while sitting).)

1. Bagşy aýdym aýd_____
   (The singer is singing (while standing).)
2. Sazanda saz çal_____
   (The musician is playing music (while standing).)
3. Mugallym okuwçylara gygyr_____
   (The teacher is shouting at the students (while sitting).)
4. Hezret myhmanlary garşy al_____
   (Hezret is greeting the guests (while moving).)
5. Yhlas öýde ukla_____
   (Yhlas is sleeping (while lying down).)
6. Sara täze jaý sal_____
   (Sara is building a new house (while moving).)
7. Kakam täze maşyn almagy arzuw ed_____
   (My father is wishing for a new car (while moving).)

16) Answer the questions, using the past continuous structure to say that the action was being done an hour ago, as in the example. (Soraglara işligiň dowamly öten zaman şekilinde we şol işiň bir sagat öň dowam edendigini aňladyp, soraglara jogap beriň.)

Ex: Ol tans edip durmy? Ýok, ýöne bir sagat öň tans edip durdy.

(Is she dancing? No, but she was dancing an hour ago.)

1. Sen nahar iýip otyrsyňmy? _____

   (Are you eating? No, but I was eating an hour ago.)

2. Ol ýaşlary gutlap durmy? _____

   (Is he congratulating the wedding couple? No, but he was congratulating (them) an hour ago.)

3. Sen okap otyrsyňmy?_____

   (Are you reading? No, but I was reading an hour ago.)

4. Siz telewizor görüp ýatyrsyňyzmy? _____

   (Are you watching tv? No, but we were watching tv an hour ago.)

5. Ol nahar iýip durmy? _____

   (Is she eating? No, but she was eating an hour ago.)

6. Olar küşt oýnap otyrmy? _____

   (Are they playing chess? No, but they were playing an hour ago.)

7. Sen dynç alyp dursuňmy? _____

   (Are you resting? No, but I was resting an hour ago.)

Actions in the immediate future

The informal future structure "**-jak/-jek bolmak**" is used in conjunction with the continuous tense to say that something is about to be done. The definite future tense "**-jak/-jek**" is applied first, followed by "**bolup**" and then the appropriate continuous verb.

Biz **gitjek bolup ýörüs**. *(We are about to go.)*

17) Answer the questions, using "-jak/-jek bolmak" with continuous verb structure and omitting pronouns. (Soraglara "-jak/-jek bolmak" bilen dowamlylygy aňladýan işlikleri ulanyp, jogap beriň.)

Ex: Nahar heniz iýeňzokmi? (oturmak) Ýok, ýöne iýjek bolup otyrys.

(You haven't eaten yet? No, but (we) are about to eat.)

1. Sen heniz durmuşa çykaňokmy? (ýöremek) _____

   (You haven't married yet? No, but (I) am about to marry.)

2. Ýaşlar heniz restorana girenokmy? (ýöremek) _____

   (The wedding couple hasn't entered the restaurant yet? No, but (they) are about to enter.)

3. Siz heniz sowgadyňyzy gowşurańzokmy? (durmak) _____

   (You haven't presented your gifts yet? No, but (we) are about to present (them).)

4. Toý heniz başlananokmy? (durmak) _____

   (The party hasn't been started yet? No, but (it) is about to be started.)

5. Garyndaşlaryňy heniz toýa çagyrańzokmy? (ýöremek) _____

   _____

   (You haven't invited your relatives to the party yet? No, but (we) are about to invite (them).)

6. Olar heniz täze jaýa göçenokmy? (ýöremek) _____

   _____

   (They haven't moved to the new house yet? No, but (they) are about to move.)

18) Unscramble the sentences. (Sözlemleri dogry düzüň.)

Ex: bolup / okuwçylar / ýör / ýazjak / diktant

Okuwçylar diktant ýazjak bolup ýör. _____

(The students are about to write the dictation.)

1. ýörler / Köw-Ata / bolup / meýletinçiler / gitjek

   _____

   (The Volunteers are about to go to Kow-Ata.)

2. ýör / ogluna / Gunça / bolup / durmuşa / goňşysynyň / çykjak

   _____

   (Gunça is about to marry her neighbor's son.)

3. maşyn / şähere / bolup / men / almaga / satyn / ýörün / gitjek

   _____

   (I am about to go to the city to buy a car.)

4. Instituda / ýör / ýegeni / bolup / girjek / Amanyň

   _____

   (Aman's nephew is about to enter the Institute.)

5. Kakabaý / öýlenjek / Jemala / ýör / bolup

   _____

   (Kakabay is about to marry Jemal.)

6. kakasy / gitjek / Bäşimiň / ýör / Hazar deňze / bolup

   _____

   (Bashim's father is about to go to the Caspian Sea.)

7. daşary / göçjek / ýurda / ýör / bolup / goňşymyz

   _____

   (Our neighbor is about to move to a foreign country.)

Encouraging commands

The polite imperative suffix "**-yberiň/-iberiň/-beriň**" has two meanings: usually, it is used to politely urge someone to continue with an action which they are already engaged in, similar to "keep" in English.

Iýiberiň! *(Keep eating!)*

It is also used to urge someone to start an action without being self-conscious or bashful, similar to "go ahead," or "don't be shy" in English.

2. On-on bäş minut ylgaý!
3. Bir bilet beräý!
4. Şol taksini saklaý!
5. Awtobusa münäý!
6. Maňa seredäý!

6.12
1. Gaýtargymy beräýiň!
2. Şol ýerde duraýyň!
3. Çatrykdan saga öwrüläýiň!
4. Taksi tutaýyň!
5. Seredäýiň!
6. Çaltrak ylgaýyň!

6.13
1. Orazy çagyrsaňyzla!
2. Tigirimi getirseňizle!
3. Maşynyň aýnasyny açsaňyzla!
4. Siz maňa şu ýerde garaşsaňyzla!
5. Marşrutka münseňizle!
6. Awtobus saklasaňyzla!

6.14
1. Çalt ýöremeseňizle!
2. Çepe sowulmasaňyzla!
3. Çilim çekmeseňizle!
4. Köçeden geçmeseňizle!
5. Howlukmasaňyzla!
6. Maňa seretmeseňizle!

6.15
1. Özüň howlukdyň.
2. Özi ulandy.
3. Özümiz gitdik.
4. Özüňiz garaşmaly.
5. Özüm düşjek.
6. Özleri azaşdy.

6.16
1. siziň myhmanyňyz
2. meň işim
3. olaň öýleri
4. oň tigiri
5. seň biletiň
6. biziň awtobusymyz

6.17
1. Bagyşlaň, "Şazada" kafesi niredekä?
2. Bagyşlaň, Uniwermag niredekä?
3. Bagyşlaň, Haly muzeýi niredekä?
4. Bagyşlaň, Drama teatry niredekä?

6.18
1. Türkmenbaşy aeroporty golaýmy?
2. Golaýda telefon butgasy barmyka?
3. Golaýda kitap dukany barmyka?
4. Haly muzeýi golaýmy?
5. Golaýda naharhana barmyka?
6. Parahatçylyk Korpusy golaýmy?

6.19
1. Biziň öýümiz seýilgähiň öňünde.
2. Bazar hassahanaň yzynda.
3. Poçta restoranyň sag tarapynda.
4. Institut bazaryň çep tarapynda.
5. Amerikanyň ilçihanasy Uniwermagyň bärsinde.
6. Stadion Ýimpaşyň aňyrsynda.
7. Haýwanat bagy naharhanaň ýanynda.
8. Çagalar bagy mekdebiň gapdalynda.
9. Muzeý myhmanhanaň töwereginde.
10. Hassahana dükanyň golaýynda.
11. Ruhyýet köşgi şäheriň merkezinde.
12. Teatr bank bilen kafeň arasynda.
13. Saglyk öýi Magtymguly şaýolyň ugrunda.
14. Sagat gapyň ýokarsynda.
15. Restoran Söwda merkeziň üstünde.
16. Söwda merkezi restoranyň aşagynda.
17. Banýa öýüň içinde.
18. Kuhnýa öýüň daşynda.

6.20
1. Ýok, öýüň daşynda.
2. Ýok, biziň yzymyzda.
3. Ýok, meň aşagymda.
4. Ýok, biziň bärimizde.

6.21
1. Uniwermagyň gapdalynda.
2. Teke bazaryň ýanynda.
3. Magtymguly Şaýolyň ugrunda.
4. Mekdebiň garşysynda.
5. Öýüň içinde.
6. Banýaň yzynda.

6.22
1. Nähili awtobus?
2. Nähili maşyn?
3. Nähili taksi?
4. Nähili uçar?
5. Nähili nahar?

6.23
1. Öňe ýöre we çepe öwrül.
2. Öňe ýöre, çepe öwrül we saga öwrül.
3. Ýza ýöre, saga öwrül we öňe ýöre.
4. Öňe ýöre, saga öwrül we öňe ýöre.
5. Çepe öwrül, öňe ýöre we çepe öwrül.

6.24

Myhmanhana nähili barmaly?	-	1-nji çatrykdan saga öwrül, çep tarapyňda.
Çagalar bagyna nädip barmaly?	-	2 çatrykdan geç, çep tarapyňda.
Banka nähili barmaly?	-	2-nji çatrykdan geç, sag tarapyňda.
American Ilçihanasyna nädip barmaly?	-	1-nji çatrykdan geç, sag tarapyňda.
Naharhana nähili barmaly?	-	1-nji çatrykdan çepe sowul, sag tarapyňda.
Haýwanat bagyna nädip barmaly?	-	2-nji çatrykdan saga sowul, göni öňünde.

6.25
A: - Aýtsaňýzlaň, teatr ýakynmy?
B: - Hawa, ýakyn. Göni ýöre, sag tarapyňda bolmaly.
A: - Bolýa, sag boluň!

A: - Bagyşlaň, bank niredekä?
B: - Bank daşrak. Göni ýöräň, şu ýoluň ugrunda, sag tarapyňyzda bolmaly.
A: - Bolýa, köp sag boluň!

A: - Bagyşlaň, gowy naharhana daşmy?
B: - Ýok, golaý. Göni ýöräň, 2-nji çatrykdan saga öwrüliň, sag tarapyňyzda bolmaly.
A: - Taňryýalkasyn!

A: - Aýtsaňyzla, kitaphana golaýmy?
B: - Ýok, golaý däl. Göni ýöre, çepe öwrül, çatrykdan soň çep tarapyňda bolmaly.
A: - Bolýa, taňryýalkasyn!

6.26
1. Sen bärde näçe ýyl ýaşaýaň?
2. Sen aňyrda azaşdyňmy?
3. Men aňyrdan tort almaly.
4. Olar bärik ýörediler.
5. Ol bärde täze jaýy gözleýämi?
6. Biz ertir aňryk gitjek.

6.27
1. Ýok, beýläk.
2. Ýok, beýleki.
3. Ýok, beýleki.
4. Ýok, beýläk.
5. Ýok, beýläk.
6. Ýok, beýleki.

6.28
1. Ol Türkmenistanyň günortasynda ýerleşýä.
2. Ol Türkmenistanyň günbatarynda ýerleşýä.
3. Ol Türkmenistanyň günorta-günbatarynda ýerleşýä.
4. Ol Türkmenistanyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýä.
5. Ol Türkmenistanyň günorta-günbatarynda ýerleşýä.

Unit 7

7.1
1. Ikimiz saglyk bilen gyzyklanýas.
2. Altymyz ýalňyşyny düzetdik.
3. Üçümiz şu hepde gan tabşyrmaly.
4. Ikiňiz direktory tanaýaňyzmy?
5. Üçüsi derman içdiler.
6. Bäşiňiz tanyşdyňyzmy?

7.2
1. Talyplaryň hemmesi ýygnaga geldiler.
2. Biziň hemmämiz lager bilen gyzyklanýas.
3. Geçen ýyl siziň hemmäňiz türkmençe öwrendiňizmi?
4. Okuwçylaryň hemmesi ýaryşa gatnaşdylar.
5. Mugallymlaryň hemmesi kitaplary düzetdiler.
6. Şu gün olaryň hemmesi işden gijä galdylarmy?

7.3
1. Amerikanlaryň hemmesi Kaliforniýadan däl öýdýän.
2. Kitaplaryň hemmesi gyzykly däl öýdýän.
3. Maşynlaryň hemmesi täze däl öýdýän.
4. Türkmenleriň hemmesi palow iýmegi halanok öýdýän.
5. Mugallymlaryň hemmesi täze däl öýdýän.

7.4
1. Ýok, biziň hiç birimiz saglyk öýünde işlämzok.
2. Ýok, olaň hiç biri meni tananoklar.
3. Ýok, olaň hiç biri mekdepde däl.
4. Ýok, siziň hiç biriňiz soraglara dogry jogap bermediňiz.
5. Ýok, biziň hiç birimiz geografiýa bilen gyzyklanamzok.
6. Ýok, men olaň hiç biri bilen tanyşmadym.

7.6
1. Ol seni amerikanlar bilen tanyşdyryp bilýä.
2. Siz kompýuter ulanyp bilýäniz.
3. Olar türkmençe düşündirip bilýäler.
4. Sen sanjym edip bilýänmi?
5. Biz näsaga seredip bilýäs.
6. Men gan basyşyny ölçäp bilýän.

7.7
1. Men synp otagyna girip bilemok.
2. Sen maňa düşünip bileňok.
3. Ol menden sorap bilenok.
4. Biz okadyp bilemzok.
5. Siz mekdepde işläp bileňzok.
6. Çagalar ertir oýnap bilenoklar.

7.8
1. Röwşen we Akgül maşyn sürüp bilýäler.
2. Hemmesi tigir sürüp bilýäler.
3. Hiç biri hytaýça ýazyp bilenok.
4. Diňe Akgül fransuzça gepläp bilýä.
5. Diňe Leýli kompýuter ulanyp bilenok.

7.9
1. Röwşen, Azat, Akgül we Leýli tigir sürüp bilýäler.
2. Diňe Akgül fransuzça gepläp bilýä.
3. Akgül diňe hytaýça ýazyp bilenok.
4. Diňe Leýli kompýuter ulanyp bilenok.
5. Leýli diňe tigir sürüp bilýä.
6. Olaň hemmesi tigir sürüp bilýäler.
7. Olaň hiç biri hytaýça ýazyp bilenoklar.

7.11
1. Olar melem satyn aldy.
2. Baýramalam hem owadan şäher.
3. Şeýlemi?! Meňem adym Dünýä.
4. Mugallymlaram direktor çagyrýa.
5. Ol Sähradanam kitap aldy.
6. Ol menem dogany bilen tanyşdyrdy.

7.12
1. Sähram gitmelimi?
2. Gurbanda-da täze kitaplar köp.
3. Doganyňa-da salam aýt.
4. Meýletinçilerem okatdym.

5. Kakaňyzdanam hat aldyňyzmy?
6. Jigimiňem dişi agyrýa.
7. Ol çagalara-da sowgat getirdi.
8. Men olaram gördüm.

7.13
1. öý işi
2. Türkmen dili mugallymy
3. mekdep müdiri
4. awtobus duralgasy
5. haly muzeýi
6. saglyk öýi
7. bilim ministrligi
8. gan basyşy

7.14
1. Biz on ýyllyk meýilnama bilen tanyşdyk.
2. Meýletinçiler Türkmenistana iki ýyllyk geldiler.
3. Biz üç aýlyk şertnamany düzetdik.
4. Sen üç günlük maslahata gatnaşdyňmy?
5. Maral alty aýlyk iňlis dili kursuny tamamlady.

7.15
1. Ol direktordan üç günlük rugsat aldy.
2. Bäşleşik dört aý dowam etdi.
3. Mekdebimizde bäş sagatlyk ýygnak boldy.
4. Siz bize dokuz gün garaşmaly.
5. Olar Germaniýa alty ýyllyk gitdiler.
6. Meýletinçiler türkmen dilini üç aý öwrenmeli.

7.16
Men – soraryn
Sen – sorarsyň
Ol – sorar
Biz – sorarys
Siz – sorarsyňyz
Olar – sorarlar

Men – işlärin
Sen – işlärsiň
Ol – işlär
Biz – işläris
Siz – işlärsiňiz
Olar – işlärler

7.17
1. Sen soramarsyň. Sen işlemersiň.
2. Ol sormaz. Ol işlemez.
3. Biz soramarys. Biz işlemeris.
4. Siz soramarsyňyz. Siz işlemersiňiz.
5. Olar soramazlar. Olar işlemezler.

7.18
1. Siz okuwçylara iňlisçe öwredersiň.
2. Sen ertir etrap ýygnagyna gidersiň.
3. Ol Türkmenistanda üç ýyl ýaşar.
4. Biz okuwçylardan synag alarys.
5. Siz sapagy türkmençe düşündirersiňizmi?
6. Olar saglyk barada çykyş ederler.

7.19
1. Ol düýn öý işini etmedi, emma ertir eder.
2. Men ejemden soramadym, emma kakamdan soraryn.
3. Ol kitap okamady, emma gazet okar.
4. Biz şu gün işe gelmedik, emma ertir geleris.
5. Olar oňa düýn garaşmadylar, emma men şu gün garaşaryn.

7.20
Men – kömek etmen
Sen – kömek etmersiň
Ol – kömek etmez
Biz – kömek etmeris
Siz – kömek etmersiňiz
Olar – kömek etmezler

Men – gijä galman
Sen – gijä galmarsyň
Ol – gijä galmaz
Biz – gijä galmarys
Siz – gijä galmarsyňyz
Olar – gijä galmazlar

7.21
1. Ýok, biz şu gün irden gitmeris, öýlän gideris.
2. Ýok, ol indiki ýyl uniwersitete girmez, instituta girer.
3. Ýok, men size Parahatçylyk Korpusynda garaşman, mekdepde garaşaryn.
4. Ýok, biz ganazlyk barada ertir çykyş etmeris, birigün ederis.
5. Ýok, sen hassahana şu hepde gitmersiň, indiki hepde gidersiň.

7.22
öwretmek isleýän – öwredesim gelýä
öwretmek isleýäň – öwredesiň gelýä
öwretmek isleýä – öwredesi gelýä
öwretmek isleýäs – öwredesimiz gelýä
öwretmek isleýäňiz – öwredesiňiz gelýä
öwretmek isleýäler – öwredesi gelýä

soramak isleýän – sorasym gelýä
soramak isleýäň – sorasyň gelýä
soramak isleýä – sorasy gelýä
soramak isleýäs – sorasymyz gelýä
soramak isleýäňiz – sorasyňyz gelýä
soramak isleýäler – sorasy gelýä

7.23
1. Meň türkmençe öwrenesim gelýä.
2. Seň ondan bir zat sorasyň gelýämi?
3. Oň mekdep müdiri bilen gepleşesi gelýä.
4. Olaň çagalara iňlisçe öwredesi gelýä.
5. Siziň aýlygyňyzy alasyňyz gelýämi?

7.24
1. Biziň meýletinçi bolasymyz gelýä, emma obada işläsimiz gelenok.
2. Olaň fransuzça öwrenesi gelýä, emma köp okasy gelenok.
3. Meň toýa gidesim gelýä, emma sowgat getiresim gelenok.
4. Oň iýesi gelýä, emma nahar bişiresi gelenok.
5. Seň türkmençe gepläsiň gelýä, emma terjime edesiň gelenok.
6. Meň sorasym gelýä, emma jogap beresim gelenok.

7.25
1. suratçy
2. işçi
3. kömekçi
4. aýdymçy
5. tansçy
6. halyçy
7. tikinçi
8. terjimeçi

7.26
1. Ol tikin tikýä.
2. Ol surat çekýä.
3. Ol aýdym aýdýa.
4. Ol terjime edýä.
5. Ol okaýa.
6. Ol tans edýä.

7.27
1. sürüji
2. diňleýji
3. ýaşaýjy
4. alyjy
5. satyjy
6. ýazyjy

7.28
1. Biz aýdym aydyp bilýäs, emma aýdymçy bolasymyz gelenok.
2. Olar ýazyp bilýä, emma ýazyjy bolasy gelenok.
3. Men tikin tikip bilýän, emma tikinçi bolasym gelenok.
4. Siz tans edip bilýäňiz, emma tansçy bolasyňyz gelenok.

5. Sen surat çekip bilýäň, emma suratçy bolasyň gelenok.
6. Jennet terjime edip bilýä, emma terjimeçi bolasy gelenok.

7.29
1. Ol Amerikanyň döwlet guramasy. Ol dünýäniň köp ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyk saklaýar.
2. Amerikan Prezidenti Jon Kennedi ony 1961-nji ýylda döretdi.
3. Birinjiden: Ýurtlara hünärmen kömegini bermek. Ikinjiden: Ýerli halky amerikan medenýeti we adamlary bilen tanyşdyrmak. Üçünjiden: Ýurtlary Amerika tanatmak.
4. Häzir Türkmenistanda segsene golaý meýletinçi bar. Olar ýerli adamlar bilen keselleriň öňüni almak boýunça işleýärler we iňlis dilini öwredýärler.

7.30
1. Ol meýletinçi. Ol Kaliforniýadan. Ol ýigrimi sekiz ýaşynda.
2. Ol Türkmenistanda Ahalda ýaşaýar.
3. Ol Türkmenistana "Saglygy saklaýyş" maksatnamasy boýunça geldi. Ol saglyk öýünde işleýär, we mekdepde-de keselleriň öňüni almak barada çykyş edýär.
4. Ol Türkmenistanda iki ýyl işlär we köp zatlary öwredip biler.

Unit 8

8.1
1. Ýagyş ýagjak öýdýän. Ol mekdebe saýawanly gitmeli.
2. Gar ýagjak öýdýän. Men işe ädikli gitmeli.
3. Gün çykjak öýdýän. Biz goňşylara papakly gitmeli.
4. Salkyn boljak öýdýän. Sen stadiona žempirli gitmeli.
5. Maýyl boljak öýdýän. Çagalar mekdebe basanoşkaly gitmeli.
6. Ýssy boljak öýdýän. Meýletinçiler Köw-Ata şortyly gitmeli.

8.2
1. Gök reňki deňäli.
2. Ýaglyk bereli.
3. Köwüş bilen jorap alaly.
4. Plaşly gideli.
5. Pombarhy bereli.
6. Bäş jorap öreli.

8.3
1. Ýok, şu gün äkitmäli, ertir äkideli.
2. Ýok, ertir dakmaly, birigün dakaly.
3. Ýok, zynjyr almaly, gulakhalka alaly.
4. Ýok, krassowka geýmäli, ökjeli köwüş geýeli.
5. Ýok, köwşümizi çalşyrmaly, jorabymyzy çalşyraly.
6. Ýok, plaş geýmäli, palto geýeli.

8.4
1. Maýsaň ejesi hudaýýola gitmeli, ol gyňaç daňypdyr.
2. Maýa öýde ýok, ol bazara gidipdir.
3. Meýlis bilen Myrat okuwçy, olar okuwa tahya geýipdir.
4. Men el ýaglygymy tapamok, ol işde ýitipdir.
5. Selbä täze köýnek gelşenok, ol bazara gidipdir we çalyşypdyr.
6. Durdy bazarda ak köýnek deňeýä, sebäbi oň ak köýnegi mekdepde ýyrtylypdyr.

8.5
1. Ýok, ýubka gelişmändir, köýnek gelşipdir.
2. Ýok, kostýum-balak almandyr, galstuk alypdyr.
3. Ýok, ellik ýuwmandyr, el ýaglyk ýuwupdyr.
4. Ýok, jalbaryny gowy ütüklemändir, köýnegini gowy ütükläpdir.
5. Ýok, eşigini çalşyrmandyr, köwşüni çalşyrypdyr.
6. Ýok, köne şypbygy ýyrtylmandyr, täze krassowkasy ýyrtylypdyr.
7. Ýok, gyzyl sagady döwülmändir, aýnegi döwülupdir.

8.6
1. Aýgül täze ýaglygy daňypdyr.
2. Batyr bazardan galstuk satyn alypdyr.
3. Şu owadan gyňaç Merjene gelşipdir.
4. Sahraň köne elligi ýitipdir.
5. Maral owadan, gülli köýnek tikipdir.
6. Täçmyrat geçen hepde köne maşynyny satypdyr öýdýän.

8.7
1. sary + gyzyl = mämişi
2. gök + gyzyl = çernil
3. gök + sary = ýaşyl
4. gyzyl + ak = gülgüne
5. gök + sary + gyzyl = goňur

8.8
1. Banan sary.
2. Hyýar ýaşyl.
3. Zeýtun gara.
4. Süýt ak.
5. Pomidor gyzyl.
6. Kartoşka goňur.
7. Asman gök.

8.9
1. Aman käwagt çal galstuk dakynýa, ýöne ol şu gün gyzyl galstuk dakynypdyr.
2. Köplenç Jon gara balak bilen ak köýnek geýýä, ýöne ol şu gün goňur balak bilen gök köýnek geýipdir.
3. Göwher köplenç türkmen köýnek bilen tahýa geýýä, ýöne ol şu gün ýaşyl žempir bilen gyzyl ýaglyk daňypdyr.
4. Kümüş hemişe giň köýnek bilen gara palto geýýä, ýöne ol şu gün owadan, dar köýnek bilen sary plaş geýipdir.
5. Arslan şu gün okuwa futbolkaly geldi, sebäbi oň ak köýnegi bilen galstugy ýitipdir.
6. Men şu gün ejemlere gitmeli, sebäbi ol gyzyma gülgüne jorap bilen mämişi ellik örüpdir.

8.10
1. Gara köwüş deňälimi? Ýok, meň deňäsim gelenok.
2. Köýnek tikelimi? Ýok, meň tikesim gelenok.
3. Sumka satyn alalymy? Ýok, meň satyn alasym gelenok.
4. Egin-eşik çalşyralymy? Ýok, meň çalşyrasym gelenok.
5. Zynjyr dakalymy? Ýok, meň dakasym gelenok.
6. Ýeňsiz örelimi? Ýok, meň öresim gelenok.

8.11
1. Suw içeýin-le. Içme. Içäýeýin!
2. Paltomy çykaraýyn-la. Çykarma. Çykaraýaýyn!
3. Köwşümi geýeýin-le. Geýme. Geýäýeýin!
4. Ýaglygymy daňaýyn-la. Daňma. Daňaýaýyn!
5. Ýüň jorap öreýin-le. Örme. Öräýeýin!
6. Şypbykly işe gideýin-le. Gitme. Gidäýeýin!
7. Şortyly toýa gideýin-le. Gitme. Gidäýeýin!
8. Suratymy ýyrtaýyn-la. Ýyrtma. Ýyrtaýaýyn!

8.12
1. Kapron jorap alaly-la. Nah jorap alaýaly, aýagyňa ýakymly.
2. Pombarh köýnek geýeli-le. Ştapl köýnek geýäýeli, endamyňa ýakymly.
3. Beýik ökjeli köwüş alaly-la. Pes köwüş alaýaly, aýagyňa rahat.
4. Işe kurtka geýeli-le. Žempir geýäýeli, kurtka galyň.
5. Ýaglyk daňaly-la. Ýüň gyňaç daňaýaly, ýaglyk ýuka.

8.13
1. Leýliň ejesi bize kişmişli palow bişirip berer.
2. Men jigime ýyly şarf alyp berýän.
3. Tikinçi köýnegimi tikip bermeli.
4. Ejem jorabymy ýuwup berdi.
5. Balagyňyzy ütükläp berelimi?
6. Bize gyzykly degişme okap ber.

8.14
1. Doganymyň köýneginiň iligini tikip bermen.
2. Olar maňa nahar bişirip bermezler.

3. Ol jigisiniň ýubkasyny ütükläp bermez.
4. Sen maňa çaý demlap bermersiňmi?
5. Mugallym sözlemi terjime edip bermez.
6. Siz sowgady dolap bermersiňizmi?
7. Biz olara gap ýuwup bermeris.

8.15
1. Men mugallym tapsam, okaryn.
2. Sen aýlygyňy alsaň, dükana gidersiňmi?
3. Ol laýyk köwüş tapsa, satyn alar.
4. Biz iňňe tapsak, tikeris.
5. Siz köýnegiňizi ütükleseňiz, gelşikli bolar.
6. Olar kir ýuwsalar, arassa bolar.
7. Daragym ýitse, täzesini getirerin.

8.16
1. Sen öýe ir gelmeseň, kakaň saňa käýär.
2. Aýna bilen Selbi duralga wagtynda gelmeseler, biz olara garaşmarys.
3. Wepa köýnegini ütüklemese, geýmez.
4. Siz toýa gelmeseňiz, men gynanaryn.
5. Bazarda meň razmerim bolmasa, men telpek satyn alman.
6. Biz bu paltony çykarmasak, yssylarys.

8.17
1. Sen maňa galam bermeseň, men hat ýazman.
2. Maral pombarhy çykarmasa, aşhanada nahar bişirmez.
3. Biz pul getirmesek, Mekan bazara gitmez.
4. Siz toýa gelmeseňiz, gyzykly bolmaz.
5. Batyr gara äýnek dakmasa, gelişmez.
6. Ol sowgat almasa, doglan güne gitmez.

8.18
1. Men gowy surat çekip bilsem, suratçy bolaryn.
2. Sen gowy aýdym aýdyp bilseň, aýdymçy bolarsyň.
3. Olar gowy tans edip bilseler, tansçy bolarlar.
4. Siz gowy zat satyp bilseňiz, satyjy bolarsyňyz.
5. Ol gowy terjime edip bilse, terjimeçy bolar.

8.19
1. Wagtymyz bolsa, çaý içeris.
2. Wagtym bolsa, bazara giderin.
3. Wagty bolsa, pissa iýerler.
4. Wagtyň bolsa, bize gel.
5. Wagty bolmasa, nahar bişirmez.
6. Wagtyňyz bolmasa, aýdym diňlemäň.

8.20
1. Saňa egin-eşikler gerek bolsa, näme edersiň? Gerek bolsa, bazardan alaryn.
2. Kökäň köp bolsa, näme edersiň? Köp bolsa, çagalara paýlaryn.
3. Nahar az bolsa, Baýram näme eder? Az bolsa, ol ýene-de nahar bişirer.
4. Bize ruçka gerek bolsa, nireden alarys? Gerek bolsa, dükandan alarys.
5. Köýnegiňiz uzyn bolsa, näme edersiňiz? Uzyn bolsa, keseris.

8.21
1. Olar bazara gitseler, jorap alarlar.
2. Seň maşynyň döwülse, pyýada gitmeli.
3. Joe şu gün bize gelmese, morožna almaly.
4. Sen goňur balak geýseň, gara köwüş geýmeli däl.
5. Sen meň bilen bazara gidip bilseň, men saňa gül satyn alyp bererin.
6. Sagyňda hassahana bolmasa, sen çatrykdan soň çepe öwrülmeli.
7. Sen şu agşam köp palow iýseň…
8. Sen doglan güne gitmeseň…
9. Biz giç öýe gelsek…
10. Sen olary tanamasaň…

Unit 9

9.1
1. Seň dişiň agyrýamy?
2. Oň içi agyrýa.
3. Mugallymyň arkasy agyrýa.
4. Meň daýymyň bogazy agyrýa.
5. Meň oglan jigimiň eli agyrdy.
6. Meň kakamyň aýagy agyrýa.
7. Biziň dostumyzyň gözi agyrýa.
8. Seň daýzaň dyzy agyrýamy?

9.2
1. Öňňin Maýsaň dişi agyrypdyr.
2. Hoşgün jigimiň eli döwlüpdir.
3. Şu gün irden ejemiň aýagy ýanypdyr.
4. Dynçgün kakamyň gyzgyny galypdyr.
5. Geçen hepde Aýnaň ýuregi bulanypdyr.
6. Jigimiň içi geçipdir.
7. Düýn seň ýüregiň gysypdyrmy?

9.3
1. Ýok, üşedenok. Oň ýuregi bulanýa.
2. Ýok, gaýtaranok. Oň içi geçýä.
3. Ýok, başymyz aýlananok. Biziň gyzgynymyz galýa.
4. Ýok, eli döwlenok. Oň aýagy döwüldi.

9.4
1. Men üsgürsem, derman içerin.
2. Sen asgyrsaň, el ýaglyk al.
3. Oň gyzgyny galsa, sanjym etdirmeli.
4. Ejemiň başy aýlansa, lukman sanjym eder.
5. Biziň dişimiz agyrsa, ertir bejertmeli.
6. Siz ýaramasaňyz, köp suw içmeli.

9.5
1. Men şu gün alty gezek derman içdim.
2. Biz lukmana üç gezek sanjym etdirdik.
3. Jona şepagat uýasy bäş gezek sanjym etdi.
4. Meýletinçiler geçen aý Ruhabada dört gezek gitdiler.
5. Joram sapakda sekiz gezek üsgürdi.
6. Men şu gün elli gezek asgyrdym.

9.6
1. Sen tiz sagalmaly.
2. Jon günde üç gezek derman içmeli.
3. Bize diňe Parahatçylyk Korpusyň lukmany sanjym etmeli.
4. Myrat saglyk öýüne gitmeli.
5. Seň dişiňi şu lukman bejermelimi?
6. Biz “Tiz Kömek” çagyrmaly.

9.7
1. Ejem dişini bejertmelidi.
2. Siz dermanhanadan derman getirmelidiňiz.
3. Biz meýletinçiler bilen duşuşmalydyk.
4. Men gyzgyn süýt içmelidim.
5. Sen geçen hepde keselhanada ýatmalydyň.
6. Lukman hemme näsaglary bejermelidi.

9.8
1. Biz dermanhanadan derman almaly däldik.
2. Çagalar sanjym etdirmeli däldi.
3. Men düýn derman içmeli däldim.
4. Olar agşam hassahana barmaly däldiler.
5. Meň oglan doganym dişini bejertmeli däldi.
6. Çagalar üşemeli däldiler.

9.9
1. Sen oba saglyk öýünde işlemeli bolduňmy?
2. Düýn biz hassahana gitmeli bolduk.
3. Ol Amerika iki gezek jaň etmeli boldy.
4. Şu gün olar dostlaryny görmeli boldylar.
5. Siz dermany üç gün içmeli bolduňyz.
6. Olar hassahanada sanjym etdirmeli bolmadylar.
7. Hemra geçen hepde mekdebe gitmeli bolmady.

9.10
1. Siz oglan jigiňizi saglyk öýüne äkitmelidiňiz.
2. Biz geçen hepde hassahana üç gezek gitmeli bolduk.
3. Mergen şol dermany içmelidi, sebäbi ol ýaranok.
4. Sen düýn iki gezek derman içmeli däldiň.
5. Çagalar köp süýji iýmeli däldiler.
6. Olar lukmana sanjym etdirmeli bolmadylar.
7. Lukman geçen Sogapgün biziň öýümize gelmeli boldy.
8. Men äýnek dakmaly bolmadym.

9.11

1. Kumush had the flu.
   I called the doctor for my uncle.
2. Yesterday I was bored.
   My mother brought medicine.
3. My uncle was ill last week.
   Today he came to work.
4. My older sibling's hand was burned.
   I went guesting at my friend's place.
5. My younger sibling vomited last evening.
   He cannot write a letter.
6. Myrat recovered yesterday.
   She is sneezing a lot today.

9.12
1. Kümüş dümewläpdir, şoň üçin ol şu gün köp asgyrýa.
2. Düýn meň içim gysdy, şoň üçin dostumlara myhmançylyga gitdim.
3. Geçen hepde daýym ýaramady, şoň üçin men daýyma lukman çagyryp berdim.
4. Doganymyň eli ýandy, şoň üçin ol hat ýazyp bilenok.
5. Agşam jigim gaýtardy, şoň üçin ejem derman getirip berdi.
6. Myrat düýn sagaldy, şoň üçin şu gün işe geldi.

9.13
1. Olaň ejesi keselledi, şoň üçin olar düýn işe gidip bilmediler.
2. Seň gyzgynyň galdy, şoň üçin sen dermanhana gidip bilmediň.
3. Syrkawyň ýüregi bulandy, şoň üçin ol derman içip bilmedi.
4. Çaga köp aglady, şoň üçin biz oňa derman berip bilmedik.
5. Garry adamyň başy aýlandy, şoň üçin ol awtobusa münüp bilmedi.
6. Ejemiň aýagy ýanypdyr, şoň üçin ol dükana gidip bilmedi.

9.14
1. Geçen agşam Jonuň gyzgyny galyp başlady.
2. Meň kelläm agyryp başlady.
3. Maralyň ýüregi bulanyp başlady.
4. Täçmuradyň içi geçip başlady.
5. Näsaglar şu gün sagalyp başladylar.
6. Biz agşamlyk naharyny sagat ýedide iýip başladyk.
7. Olar irden sagat altyda ylgap başladylar.

9.15
1. Şepagat uýasy çagalara sanjym edip boldy.
2. Hansoltan ýaňja unaş iýip boldy.
3. Lukman derman ýazyp bolar.
4. Biz nahar iýip bolmaly.
5. Lukman näsagy bejerip boldy.

9.16
1. Okuwçylar dümewläp başladylar.
2. Näsaglar gaýtaryp başladylar.
3. Sen şu gün irden üşedip başladyňmy?
4. Biz şu ýyl Türkmenistanda işläp başladyk.
5. Siz haçan üşäp başladyňyz?
6. Olar her gün irden näçede ylgap başlarlar?

9.17
1. Şu gün irden meň kelläm agyryp başlady.
2. Düýn Tirkeşiň içi geçip başlady.
3. Meýletinçiler türkmençe okap boldular.
4. Şepagat uýasy çagalara sanjym edip boldy.
5. Sen geçen hepde saglyk öýünde işläp başlamalydyň.
6. Maral şu gün derman içip boldy.
7. Biz dokuzda işläp başladyk, we ýedä on bäş minut galanda işläp bolduk.
8. Ol irden hassahana gitmeli boldy öýdýän.
9. Sen palow iýip başlasaň, men iýip bolaryn.
10. Sen derman içmeseň, çalt sagalyp bilmersiň.

9.18
1. Mümkin bolsa, oňa gyzgyn limonly çaý beräýiň!
2. Mümkin bolsa, maňa Türkmenbaşa bir bilet beräýiň!
3. Mümkin bolsa, maňa paltomy beräýiň!
4. Mümkin bolsa, maňa şol duzy beräýiň!
5. Mümkin bolsa, bu käşiri arassalaýyň!
6. Mümkin bolsa, ýene bir gezek gaýtalaýyň!

Unit 10

10.1
1. Belli däl, belki gitmen.
2. Belli däl, belki gitmeris.
3. Belli däl, belki etmeris.
4. Belli däl, belki gitmezler.
5. Belli däl, belki gitmez.
6. Belli däl, belki gitmeris.

10.2
1. Ýok, ýöne belki Stambula giderin.
2. Ýok, ýöne belki Arçabile gezelenç ederis.
3. Ýok, ýöne belki Köneürgençe syýahat eder.
4. Ýok, ýöne belki sizi taksili ugradaryn.
5. Ýok, ýöne belki kölde ýüzeris.
6. Ýok, ýöne belki baglaryň suratyny alaryn.

10.3
1. Seň ertir Aşgabada gitmegiň mümkin.
2. Oň Hindistanda gezelenç etmegi mümkin.
3. Biziň Türkiýeden ir ugramagymyz mümkin.
4. Siziň Taýlandda bilet almagyňyz mümkin.
5. Olaň ertir seni Özbegistanda garşylamagy mümkin.
6. Meň ýükümi el-goşlar saklanýan ýere tabşyrmagym mümkin.

10.4
1. Bilemok, Mahym meni ugratmagy mümkin.
2. Bilemok, biz uçarly gitmegimiz mümkin.
3. Bilemok, olar Ýewropa gitmegi mümkin.
4. Bilemok, biz dostlarymyzyň öýünde ýatmagymyz mümkin.
5. Bilemok, biz işlemegimiz mümkin.
6. Bilemok, olar plaşyny galdyrmagy mümkin.

10.5
1. Bolmazlygy mümkin.
2. Bolmazlygy mümkin.
3. Bolmazlygym mümkin.
4. Bolmazlygym mümkin.
5. Bolmazlygymyz mümkin.
6. Bolmazlygymyz mümkin.

10.7
1. Aý ýaly owadan. *(Beautiful as the moon.)*
2. Polat ýaly berk. *(Strong as steel.)*
3. Perişde ýaly arassa. *(Clean as an angel.)*
4. Dag ýaly beýik. *(High as a mountain.)*
5. Derek ýaly uzyn. *(Tall as a poplar.)*
6. Maýmyn ýaly betnyşan. *(Ugly as a monkey.)*
7. Ot ýaly çalasyn. *(Quick as fire.)*

10.8
1. Ýok, Daşoguz ýaly sowuk däl.
2. Ýok, Hindistan ýaly yssy däl.
3. Ýok, Lebabyňky ýaly köp däl.
4. Ýok, Pakistanyňky ýaly gymmat däl.
5. Ýok, Özbegistanyňky ýaly uzak däl.
6. Ýok, Ýuwaş okean ýaly çuň däl.

10.9
1. Men açyk hat alyp iberdim.
2. Ol günortanlyk nahar iýip telewizor gördi.
3. Sag boluň, biz çaý içip geldik.
4. Aman Hindistanda işläp gaýtmaly.
5. Olar Türkmenbaşa bilet alyp ugrarlar.
6. Jon Aşgabatda doganyny garşylap geler.

10.10
1. Myhmanhana jaň etmän barsak, ýer tapmarys.
2. Ejeňe aýtman gitseň, alada eder.
3. Pasportyňyzy alman gitseňiz, bilet bermezler.
4. Açar soraman alsaň, direktor käýär.
5. Biz menzilden gijä galman ugrasak, ir bararys.
6. Okuwçylar kitaplaryny galdyrman gelseler, bäşlik alarlar.

10.11
1. Şu wagt nirä gidip barýaň?
2. Sähra bilen Merjen Gazagystana gidip geldiler.
3. Men düýn sagat dörtde şu ýere gelip gitdim.
4. Men häzir size gidip gelmeli.
5. Olar Türkiýä gidip barýalar.
6. Men ertir şu taýa ýene gelip gitjek.

10.12
1. Hawa, men Taýlanda deňiz görmäge gitjek.
2. Hawa, olaň Fransiýa Pariži görmäge gidesi gelýä.
3. Hawa, biz Aşgabada ýygnaga gatnaşmaga geldik.
4. Hawa, men Türkiýä kostýum satyn almaga gitjek.
5. Hawa, men şu ýyl hem Awaza suwa düşmäge gitjek.
6. Hawa, ol Tejene lager gurnamaga geldi.

10.13
1. Ol Gorkut aýynyň soňunda toý etdi.
2. Olar şu aýyň ortalarynda Malaziýa gezmäge gitmeli.
3. Ol Bitaraplyk aýynyň başynda syýahata gider.
4. Olar ýylyň başynda kitap ýazyp başladylar.
5. Ýylyň ortalarynda gaty yssy bolýa.
6. Ol ýylyň soňunda Amerikadan gelýä.

10.14
1. Ýadymdan çykarypdyryn.
2. Ýadymyzdan çykarypdyrys.
3. Ýadymdan çykarypdyryn.
4. Ýadyndan çykarypdyr.
5. Ýadyndan çykarypdyrlar.
6. Ýadymyzdan çykarypdyrys.

10.15
1. Ýok, ýatdan çykaramok. Agşam alaryn.
2. Ýok, ýatdan çykaranok. Agşam jaň eder.
3. Ýok, ýatdan çykaramzok. Agşam geleris.
4. Ýok, ýatdan çykaranok. Agşam gurnar.
5. Ýok, ýatdan çykaranok. Agşam kir ýuwar.
6. Ýok, ýatdan çykaranok. Agşam tabşyrarlar.

10.16
1. Ol işden öň aeroporda gider.
2. Biz nahardan öň gezmäge gideris.
3. Biz toýdan öň seýilgähe gitjek.
4. Olar Amerikadan öň Angliýa gider.
5. Men kinodan öň wokzala gitjek.
6. Olar güýzden öň iňlisçe öwrener.

10.17
1. On birden soň.
2. Sekizden soň.
3. Altydan soň.
4. Üçüň ýaryndan soň.
5. Dörtden ýigrimi minut işländen soň.
6. Sekize ýigrimi minut galandan soň.

10.18
1. Ertirlik nahardan soň barýan.
2. Çaýdan öň günortanlyk nahar iýýän.
3. Kinodan öň çaý içýän.
4. Çaýdan soň kino görýän.
5. Agşamlyk nahardan öň kino görýan.
6. Kinodan soň agşamlyk nahar iýýän.

10.19
1. Ol Sogapgünden bäri gelenok.
2. Biz Hoşgünden bäri gidemzok.
3. Olar Baýdak aýyndan bäri gidenoklar.
4. Ol sekizden bäri jaň edenok.
5. Ol geçen ýyldan bäri gidenok.
6. Ol düýnden bäri gelenok.

10.20
1. Ol bäş aý bäri iňlis dilini okaýa.
2. Ol dokuz aý bäri hat ýazanok.
3. Ol üç gün bäri suwa düşenok.
4. Men üç gün bäri mekdebe gidemok.
5. Ol on bir aý bäri işe gelenok.
6. Ol dört sagat bäri nahar iýenok.

Unit 11

11.1
1. Meň oglan jigim gaty semiz däl.
2. Merdanyň boýy gaty gysga däl.
3. Jemalyň gözy gaty gök däl.
4. Olar gaty hor däl.
5. Seň saçyň gaty gür däl.
6. Göwher gaty garaýagyz däl.

11.2
1. Meýlisiň boýy has uzyn.
2. Jahan gaty hor.
3. Joraň saçy gaty gysga.
4. Gurbanyň agzy gaty uly.
5. Sazandalaryň barmagy uzynrak.
6. Göwheriň burny gaty uly däl.
7. Aýlaryň gözi has kiçi däl.
8. Laçynyň saçy gür däl.

11.3
1. Ýok, ol sary saçly.
2. Ýok, ol orta boýly.
3. Ýok, ol tegelek ýüzli.
4. Ýok, ol gysga, goňur saçly.
5. Ýok, ol kiçi, gara gözli.
6. Ýok, ol inçe, gysga gaşly.

11.4
1. Ýeke özüň.
2. Ýok, ýeke özi.
3. Ýok, ýeke özleri.
4. Ýeke özüňiz.
5. Ýeke özümiz.
6. Ýeke özüm.

11.5
1. Ýok, akylly däl. Ol samsyk.
2. Ýok, ol gysganç däl. Ol eli açyk.
3. Ýok, ol gaharjaň däl. Ol mylaýym.
4. Ýok, ol ýalanç däl. Ol dogruçyl.
5. Ýok, olar şadyýan däl. Olar göwniçökgün.
6. Ýok, ol ýalta däl. Ol işeňňir.
7. Ýok, ol domma däl. Ol alçak.
8. Ýok, ol tertipli däl. Ol garagol.
9. Ýok, ol myhmansöýer däl. Ol garasöýmez.

11.6
1. işeňňir
2. akylly
3. gaharjaň
4. gysganç
5. alçak
6. ýalta
7. myhmansöýer
8. garagol

11.7
1. b. el-ýüzümi
2. d. ertirlik naharymy
3. a. iş eşiklerimi
4. a. gidýän
5. d. irden / öýlän
6. c. seredýän
7. b. iýýän

11.8
1. Ol Jemalyň dogany.
2. Men bu kitaby Berdä berjek.
3. Biz dükanda Sonany gördük.
4. Olar agşam Akmyratlarda nahar iýdiler.
5. Bu köýnegi sen Akgüldan satyn aldyňmy?

11.9
1. Ejeme meňzeýä.
2. Okuwçylara berjek.
3. Bazarda satdy.
4. Dükandan satyn aldy.
5. Gyz doganyňy halaýan.
6. Myratdan gaharjaňrak.

11.10
1. Maýaň dogany Aşgabatdan Tejene dosty bilen gider.
2. Serdaryň daýysy obadan şähere otlyly geldi.

3. Parahatçylyk Korpusynyň meýletinçileri lagerden Aşgabada uly awtobus bilen geldiler.
4. Bu matany ejem altynjy gün bazardan jigim bilen getirip berdi.
5. Merdanyň kakasy işden öýe maşynly gaýdýa.
6. Gözeliň ejesi bu köwşi Ors bazardan satyn aldy.

11.11
1. Meň ejem şu gün işe gidenok.
2. Kakam dükana gidenok.
3. Maýa bize gelenok.
4. Sara aýdym aýdanok.
5. Jon sapak okadanok.
6. Kümüş süýjüli suw içenok.
7. Wegeterýanlar et iýenoklar.

11.12
1. Siziň adyňyz name? Meň adym Jon.
2. Çäýnek nirede? Stoluň üstünde.
3. Parahatçylyk Korpusy näme? Ol Amerikanyň döwlet guramasy.
4. Maňa kömekleşjekmi! Bagyşlaň, wagtym ýok.
5. Nahar guýup bereýinmi? Ýok, sag bol. Men doýdum.
6. Kim soňky. Menden soň bir gyz bar.
7. Sagat näçe? Altydan on minut işleýä.
8. Haçan? Bäşe ýigrimi minut galanda.
9. Başga reňki barmy? Diňe gara reňklisi bar.

11.16
1. Doganym haçan Londona gider?
   Doganym ertir nirä gider?
2. Biz nirä gitsek, satyn alarys?
   Biz teke bazara gitsek, näme ederis?
3. Olaň her gün nirä gidesi gelýä?
   Olaň her gün näme edesi gelýä?
4. Sen altynjy gün kim bilen duşuşarsyň?
   Sen alytnjy gün nähili aktýorlar bilen duşuşarsyň?
5. Men nirä şokolat satyn almaga gitjek?
   Men dükana näme üçin gitjek?
6. Kimiň gyz dogany Amerikadan ertir gelýä?
   Jemalyň gyz dogany nireden ertir gelýä?
7. Sähra gyzyna iňlisçe näçe kitap satyn alyp berdi?
   Sähra kime iňlisçe iki kitap satyn alyp berdi?
8. Haçan alty meýletinçi Mara gezelenje gitjek?
   Geljek hepde näçe meýletinçi Mara gezelenje gitjek?

11.17
1. Men hiç hili çilim çekmegi halamok.
2. Sen hiç kim bilen şögüşmeli däl.
3. Siz hiç haçan işiňizi gutarmarsyňyz.
4. Olaň hiç haýsysy meň doganym däl.
5. Ol şu hepde hiç ýere gitmez.
6. Hiç biri gyzykly däl.

11.18
1. Siz şu ýyl türkmençe öwrenersiňiz.
2. Ol uzyn boýly oglan bolar.
3. Olar her hepde maşgalasyna hat ýazarlar.
4. Sen okasaň, öwrenersiň.
5. Eger ejeme jaň etsem, täzelikleri aýdaryn.
6. Biz şu hepde kitaphana gitmeris.

11.19
1. Ol oglan meni restorana çagyrsa…
2. Dostlarym doglan gününme gelmesem…
3. Sen maňa mekdepde garaşsaň…
4. Men bazardan köýneklik mata tapmasam…
5. Eger men irden köp ýatsam…
6. Uçar wagtynda uçmasa…

11.20
1. Zöhre geçen agşam Amerika gitdi.
2. Jon şu ýyl bäş gün Çülide okady.
3. Maralyň jorasy geljek hepde Gökdepä barar.
4. Sähra palowy örän tagamly bişirýä.
5. Tomuň dosty Daşoguzdan köp hat ýazdy.
6. Täçmyrat häzir Aşgabadyň merkezinde ýaşaýa.
7. Siziň günortanlyk naharda näme iýesiňiz gelýä?

11.21
1. a, c, e, d, g, f, h, b
2. d, c, a, b, e
3. f, a, i, b, e, h, d, g, c
4. f, e, g, a, d, c, b

11.22
1. Parahatçylyk Korpusynyň kyrk sany täze meýletinçisi Amerikadan geldiler.
2. Biz bir hepde Çülide ýaşamaly bolduk.
3. Biz Türkmenistana okatmaga geldik.
4. Men günde saglyk öýünde işleýän.
5. Men şu taýda çilim çeksem bolýamy?
6. Meň gowy türkmençe gepläp bilesim gelýä.
7. Meň okasym gelýä, ýöne wagtym ýok.
8. Men türkmen maşgala bilen ýaşasam, köp toýlara gitmegim mümkin.
9. Men geçen agşam köýnegimi ütüklemegi ýatdan çykardym.
10. Men gyz doganyma hat ýazmalydym.
11. Türkmenistanda howa Amerikadan yssy.
12. Maňa palow bişirmek üçin näme gerek?
13. Saňa tüwi, käşir, sogan we et gerek öýdýän.
14. Bazara ýumurtga satyn almaga gideli.
15. Mähri şu gün owadan gök köýnek geýipdir.
16. Men dokuzyň ýarynda işläp başladym we ýediden on bäş minut işlände işlap bolaryn.

11.23
1. Ol mugallym däl.
2. Olar bilenoklar.
3. Okuwçylar teatra gitdiler.
4. Meň kitaplarym bar.
5. Saňa näme gerek?
6. Siziň üç çagaňyz barmy?
7. Men çagalary halaýan.
8. Olar okamagy halaýa.
9. Serdar ertir Gökjä gitmeli.
10. Maňa hiç zat gerek däl.
11. Biz Göwherlere gitjek.
12. Şirin haçan geler?
13. Men seň bilen oýnamalymy?
14. Meň çaý içesim gelýä.
15. Eger men gijä galsam, ejem käýär.
16. Sen nirä gidip barýaň?
17. Nähili reňki halaýaňyz?
18. Biz direktordan soraly.
19. Biz gitsek, ol begener.
20. Çaga ir ýatsa, ir turar.
21. Mekan günde üç gezek çaý içýä.
22. Biz hassahana gitmeli bolduk.
23. Men saňa garaşmalymy?
24. Nahar guýup bereýinmi?

Unit 12

12.1
1. Ol gyz bara, men ony halaýan.
2. Teke bazar bara, şu gün ýapyk.
3. Aman bara, ol ertir Amerika gidýä.
4. Parahatçylyk Korpusy bara, şol taýda şu gün konferensiýa bar.
5. Meň okuwçylarym bara, olar geçen hepde maňa sowgat getirdiler.
6. Aşyr bara, ol täze maşyn aldy.

12.2
1. burnuň
2. paslyň
3. Kümşüň
4. Şöhradyň
5. gyzylyň
6. oýnuň
7. nagşyň
8. suwuň

12.3
1. Gelniň täze köýnegi bar.
2. Goňşymyzyň ogly ekzamenden geçdi.
3. Bu köwşüň bahasy näçe?

4. Çary Hazar deňziň kenarynda ýaşaýa.
5. Käbir meýletinçiler tomsuň ikinji aýynda lagerde işleýäler.
6. Düýn Kümşüň gyzy durmuşa çykypdyr.

12.4
1. Men tost aýtjak bolýan.
2. Biz toý tutjak bolýas.
3. Ol dutar çaljak bolýa.
4. Ol jorasyna gül gowşurjak bolýa.
5. Ol myhmanlary garşy aljak bolýa.
6. Ol ýaşlary gutlajak bolýa.

12.5
1. Aýdanyň gelsin!
2. Toýuňyz gutly bolsun!
3. Ýaşyň uzyn bolsun!
4. Gelniň aýagy düşsün!
5. Gullugyny sag-aman tamamlasyn!
6. Bagtly, agzybir ýaşasyn!
7. Dünýäde parahatçylyk bolsun!
8. Ekzamenden sag-aman geçsin!

12.6
1. Uruş bolmasyn!
2. Maşynyň hiç wagt döwülmesin!
3. Selbi hiç haçan kesellemesin!
4. Çary çagalara gygyrmasyn.
5. Maşynlar köçämizden geçmesin.
6. Jahan işden boş, ertir işe gelmesin.
7. Okuwçylar sapakda uklamasyn.

12.7
1. Men düýn nahar getirindim.
2. Şatlyk garaž we hammam salyndy.
3. Sen çaý guýundyňmy?
4. Maýsa irden süýtli tüwi bişirindi.
5. Biz gök çaý demlendik.
6. Sähra owadan köýnek tikindi.
7. Çemen bilen Jahan bankda hasabat açyndylar.

12.8
1. Şemşat sagat 13:30-da günortanlyk nahar edindi.
2. Baýram her gün 8:00-da geýinýä.
3. Mämmet düýn bazardan köýnek satyn alyndy.
4. Men institutdan soň nahar bişirindim.
5. Merjen Sarahsdan owadan ýaglyk getirindi.
6. Olar täze jaýy üçin toý tutundylar.

12.9
1. Tamada maňa: "Tost aýt" diýdi.
2. Biz saňa: "Onda öýe gel" diýdik.
3. Gülşat bize: "Özüm çaý demläp bilýän" diýdi.
4. Sen oňa: "Men gijä galman" diýdiň.
5. Maýsa joralaryna: "Men bäş gün Türkmenbaşa giderin" diýdi.
6. Men doganyma: "Toýa gitsem, kino görüp bilmen" diýdim.

12.10
1. Tamada: "Tans edeli!" diýip gygyrdy.
2. Jeren: "Bärik gel!" diýip çagyrdy.
3. Meň goňşym: "Ertir dokuzda öýüme gel" diýip aýtdy.
4. Sara Amerikadan: "Men indiki aý Türkmenistana gelerin" diýip hat ýazdy.
5. Merjen menden: "Sen haýsy nahary gowy görýäň?" diýip sorady.
6. Çaga "Meň ejemi göresim gelýä!" diýip aglady.

12.11
1. Men Jerene salam aýtjakdym, ýöne ol şu gün işe gelmedi.
2. Biz täze jaýa göçjekdik, ýöne salyp gutarmadylar.
3. Men myhmanlary garşy aljakdym, emma olar gelmedi.
4. Olar jaý saljakdylar, ýöne ussa tapmady.
5. Biz ir uklajakdyk, emma işläp gutarmadyk.
6. Men gül gowşurjakdym, emma gowy gül tapmadym.
7. Men öýlenjekdim, emma söýgülim bilen söguşdim.

12.12
1. Ol Amerika jaň etjek däldi, ýöne dostuny göresi gelýä.
2. Biz restorana girjek däldik, emma toý başlandy.
3. Oraz Aşgabada geljek däldi, emma direktor gelmegini sorady.
4. Men derman içjek däldim, emma kelläm gaty agyrdy.
5. Biz ir turjak däldik, ýöne gezelenje gitmek üçin ir turduk.
6. Men dutar çaljak däldim, ýöne dostlarym haýyş etdi.
7. Men Aşgabada gitjek däldim, ýöne doganym öýlendi.

12.13
1. Sen otyrsyň.
2. Biz otyrys.
3. Ol dur.
4. Olar ýatyrlar.
5. Siz dursuňyz.
6. Jeren ýatyr.
7. Men ýöräp ýörün.
8. Tom we Maral ýöräp ýörler.

12.14
1. Telewizor kompýuteriň ýanynda dur.
2. Gurban Ýimpaşyň daşynda otyr.
3. Toýly garnituryň gapdalynda ýatyr.
4. Maşyn jaýyň öňünde dur.
5. Güjük agajyň aşagynda ýatyr.
6. Kakam keçäň üstünde otyr.

12.15
1. Bagşy aýdym aýdyp dur.
2. Sazanda saz çalyp dur.
3. Mugallym okuwçylara gygyryp otyr.
4. Hezret myhmanlary garşy alyp ýör.
5. Yklas öýde uklap ýatyr.
6. Sara täze jaý salyp ýör.
7. Kakam täze maşyn almagy arzuw edip ýör.

12.16
1. Ýok, ýöne bir sagat öň nahar iýip otyrdym.
2. Ýok, ýöne ol bir sagat öň gutlap durdy.
3. Ýok, ýöne men bir sagat öň okap otyrdym.
4. Ýok, ýöne biz bir sagat öň telewizor görüp ýatyrdyk.
5. Ýok, ýöne ol bir sagat öň iýip durdy.
6. Ýok, ýöne olar bir sagat öň oýnap otyrdylar.
7. Ýok, ýöne men bir sagat öň dynç alyp durdum.

12.17
1. Ýok, ýöne durmuşa çykjak bolup ýörün.
2. Ýok, ýöne girjek bolup ýörler.
3. Ýok, ýöne gowşurjak bolup durus.
4. Ýok, ýöne başlanjak bolup dur.
5. Ýok, ýöne çagyrjak bolup durus.
6. Ýok, ýöne göçjek bolup ýörler.

12.18
1. Meýletinçiler Köw-Ata gitjek bolup ýörler.
2. Gunça goňşysynyň ogluna durmuşa çykjak bolup ýör.
3. Men şähere maşyn satyn almaga gitjek bolup ýörün.
4. Amanyň ýegeni Instituda girjek bolup ýör.
5. Kakabaý Jemala öýlenjek bolup ýör.
6. Bäşimiň kakasy Hazar deňze gitjek bolup ýör.
7. Goňşymyz daşary ýurda göçjek bolup ýör.

12.19
1. Döwlet, kitabyňyzy okaberiň, men telewizor görjek bolýan.
2. Wii, men sumkamy ýatdan çykardym. Siz mekdebe gidiberiň, yzyňyzdan bararyn.
3. Jennet, siz ejem bilen oturiberiň, men kuhnýada nahar bişirjek.
4. Salam, hoş geldiňiz, geçiberiň. Nahar iýiberiň.
5. Çagalar, siz sagat alta çenli oýnaberiň, ene-ataňyz yzyňyzdan ýediň ýarynda geler.
6. Tom, çaýyňyzy içiberiň, häzir palow hem getirjek.

Unit 13

13.1

1. Kitapda näçe sany surat bar? Bäş sany.
2. Obaňda näçe sany meýletinçi bar? Dört sany.
3. Sende näçe sany köwüş bar? Alty sany.
4. Seň doganyňda näçe sany maşyn bar? Iki sany.
5. Oň mekdebinde näçe sany mugallym işleýä? Otuz ýedi sany.
6. Saglyk öýünde näçe sany şepagat uýasy işleýä? Ýigrimi sekiz sany.

13.2

1. Adamlar Baharlyda yomut dialektinde gürleýädi.
2. Jeren geçen ýyl biz bilen ýygy-ýygydan duşuşýady.
3. Okuwçylar goşgulary çalt ýat tutýadylar.
4. Nurýagdy Aşgabatlylar bilen lebap dialektinde gürleşýädi.
5. Tomus kanikulynda biz dynç alyp hezil edýädik.
6. Çagalar nätanyş adamlardan utanýadylar.

13.3

1. Ýok, gürleşemzokdyk.
2. Ýok, gürlämokdym.
3. Ýok, gorkanokdylar.
4. Ýok, ýygnaňokdyň.
5. Ýok, göçüremzokdyk.
6. Ýok, utanamokdym.

13.4

1. Sen çaga wagtyň iňlisçe öwrenmäge synanyşdyňmy?
2. Ol ýaş wagty hemmelerden tapawutlanýady.
3. Men okuwçy wagtym köp erteki ýat tutýadym.
4. Siz talyp wagtyňyz umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýadyňyz.
5. Olar boş wagty hezil edip futbol oýnaýalar.
6. Zöhre direktor wagty biz mugallymdyk.

13.5

1. göçürilmek
2. maslahat edilmek
3. görülmek
4. dakylmak
5. döwülmek
6. alynmak
7. gürlenmek
8. ýatlanmak
9. diýilmek
10. başlanmak

13.6

1. Lager barada köp maslahat edilýä.
2. Parahatçylyk Korpusy 1961-nji ýylda döredildi.
3. Geçen hepde kitaphana üçin köp kitap ýygnaldy.
4. Öý işi göçürildi.
5. Iňlis dili sapaklar taýýarlandy.
6. Köp adamlar aldanar.

13.7

1. Men çagakam, güjükden gorkýadym.
2. Sen okuwçykaň mugallymlary aldaýadyň.
3. Ol ýaşka köp kasseta ýygnaýady.
4. Biz ýaşkak Lebap welaýatynda ýaşaýadyk.
5. Siz talypkaňyz, bize köp gelýädiňiz.
6. Olar esgerkäler köp maşk etmäge synanyşýadylar.

13.8

1. Biz sapakdakak mugallymlardan gorkýas.
2. Sen Aşgabatdakaň dostuň bilen duşuşdyňmy?
3. Dursun Parahatçylyk Korpusyndaka meýletinçilere duşdy.
4. Talyplar mekdepdekäler mugallymlar bilen gürleşdi.
5. Maksat saglyk öýündekä täze proýekt taýýarlady.
6. Olar aeroportdakalar, pasportlaryny ýitirdi.

13.9

1. Ol şäherde işleýäkä dostlaryna duşdy.
2. Men bazara barýakam Gözeli görerin.
3. Siz daga münmäge synanyşýakaňyz howa gowy boldy.
4. Olar kitap ýazýakalar köp maslahat edýäler.
5. Biz institutda okaýakak tapawutlanýadyk.
6. Biz Hazarda dynç alýakak köp balyk iýeris.

13.10

1. Olar aýdym aýdyp durkalar direktor olara käýedi.
2. Mugallymym sapak okadyp otyrka oň ruçkasy döwüldi.
3. Men Maryda ýaşap ýörkäm ony günde görýädim.
4. Sen oň bilen telefonda gürleşip otyrkaň men senden hiç zat sorajak däl.
5. Sen Amerikada işläp ýörkäň nirede ýaşarsyň?
6. Biz saňa günde garaşyp durkak köp täze maşyny görýäs.

13.11

1. Ol barka biz ondan uçaryň reýsini soraly.
2. Sen barkaň senden telefon nomer alaly.
3. Biz barkak ejeme kömek edeli.
4. Öýde hiç kim ýokka hemme süýjüleri iýeli.
5. Kakam öýde ýokka Zöhrä jaň edeli.
6. Biz daýzam ýokka öýi arassalaly.
7. Öýde ejem ýokka oňa sowgat taýýarlaly.

13.12

1. Oň kompýuteri barka bize kitap ýazmaga kömekleşdi.
2. Seň puluň barka täze jaý aldyňmy?
3. Olaryň kitaby ýokka öý işini ýat tutanokdylar.
4. Biziň itimiz ýokka öýe ogry girdi.
5. Seň dostuň ýokka içiň gysdymy?
6. Meň sözlügim ýokka köp sözleri terjime edip bilemokdym.

13.13

1. Aşgabatda türkmenlerden başga ors, özbek, ermeni, gazak we beýleki milletler ýaşaýa.
2. Ahaldan başga Balkanda we Lebapda boldum.
3. Men Aşgabatdan başga Maryda we Balkanabatda boldum.
4. Tekeler Ahaldan başga Türkmenistanyň köp ýerlerinde ýaşaýa.
5. Ýomut dialektinden başga ärsary, teke, nohur we ş.m. dialekleri bilýän.
6. Köpetdagdan başga Köýtendagy we Balkandagy bilýän.

13.14

1. Ýok, Marydaky.
2. Ýok, ors bazardaky.
3. Ýok, şäherdäki.
4. Ýok, dostumdaky.
5. Ýok, institutdaky.
6. Ýok, Türkmenistandaky.

13.15

1. ertirki sapak
2. 2002-nji ýyldaky toý
3. şu aýky okuw
4. indiki ýylky duşuşyk
5. Täze ýyldaky Aýazbaba
6. geçen hepdeki maslahat

13.16

1. Amerikada ýaşanda.
2. Toýa gidemde.
3. Dostuňyzy göreňizde.
4. Deňze gidemizde.
5. Konserde baranda.
6. Pul soramyzda.

13.17

1. Sen bişirip gutaraňsoň, maňa jaň et.
2. Sen saglyk öýünden geleňsoň, dynjyňy al.
3. Biz Mähri bilen bazara gidip gelemizsoň, nahar bişireris.
4. Olar ýygnaga gidip gelensoň, gürrüň berdiler.
5. Men kino görüp bolamsoň, saňa düşündirerin.
6. Röwşen daşarda oýnap gelensoň, kitap okasyn.

13.18

1. Dynçgüni bolansoň şu gün işe gitmedim.
2. Utanamsoň olar bilen tanyşmadym.
3. Ol giç gelensoň men oň bilen duşuşmadym.

4. Biz futbol oýnamagy halamyzsoň olardan tapawutlanýas.
5. Ol başga şähere gidensoň sen oňa duşmarsyň.
6. Ol bizi köp aldansoň biz ony halamzok.

13.19
1. Ýok, gelmänkä.
2. Ýok, gitmänkäk.
3. Ýok, barmankaňyz.
4. Ýok, iýmänkäler.
5. Ýok, getirmänkäň.
6. Ýok, döwmänkäm.

13.20
1. Ýatmazdan öň saz diňleýäs.
2. Gitmezden öň çyrany öçür.
3. Barmazdan öň jaň etdiler.
4. Ýuwmazdan öň süpürmeli.
5. Süpürmezden öň ýuwjak.
6. Geýmezden öň ütükleýä.

13.21
1. Dişini ýuwmazdan öň nahar iýsin.
2. Işe gitmezden öň geýinmeli.
3. Satyn almazdan öň geýip gördüm.
4. Işlemezden öň dynç alýas.
5. Aýtmazdan öň pikirleniň.
6. Ýatmazdan öň oka.

13.22
1. Ol 1994-1998-nji ýyllarda Lebapdaky Institutda okady.
2. Ol 2002-2003-nji ýyllarda Aşgabatdaky mekdepde işledi.
3. Ol 2003-2004-nji ýyllarda Amerikadaky taslama bilen işledi.

13.23
1. Ol institutda okanda Lebapda ýaşady.
2. Ol taslama bilen işlände Amerikada ýaşady.
3. Ol mekdepde okanda obada ýaşady.
4. Ol durmuşa çykanda Maryda ýaşady.

13.24
1. Ol institutda okansoň durmuşa çykdy.
2. Ol durmuşa çykansoň taslama bilen işledi.
3. Ol taslama bilen işlemezden öň mekdepde işledi.
4. Ol institutda okamazdan öň obada okady.
5. Ol mekdepde işlemezden öň durmuşa çykdy.